TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ ÝURDUMYZDA OBA HOJALYK PUDAGYNDA GEÇIRILÝÄN ÖZGERTMELERI HAS-DA KÄMILLEŞDIRMÄGE WE OBA HOJALYK EKINLERINIŇ HASYLLYLYGYNY YZYGIDERLI ÝOKARLANDYRMAGA MÖHÜM ÄHMIÝET BERILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
13-nji iýun, 2025. Belgisi 24/1642



# GALLA ORAGY MÖWSÜMI GURAMAÇYLYKLY GEÇIRILÝÄR

*11-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyna iş saparyny amala aşyryp, welaýatyň çäklerinde galla oragynyň depgini bilen tanyşdy hem-de etrabyň Magtymguly daýhan birleşiginde bugdaý oragyna ak pata berdi.*

Ir bilen döwlet Baştutanymyz Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly daýhan birleşiginiň ak ekin meýdanlaryna geldi. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylary, Magtymguly daýhan birleşiginiň gallaçy kärendeçisi mähirli garşyladylar.

Kärendeçi daýhan ekerançylaryň netijeli zähmet çekmegi ugrunda amatly şertleriň döredilýändigini, döwletimiziň bugdaýdan we beýleki oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl almak ugrunda yzygiderli tagalla edilýändigini nygtap, hormatly Prezidentimizden öz yhlasly zähmeti bilen ýetişdiren bugdaý hasylyny ormaga ak pata bermegini haýyş etdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz kärendeçiniň haýyşy boýunça birkemsiz hasyl toplan bugdaýy orup, galla oragyna badalga berdi.

Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän we häzirki zamanyň telematik enjamlary bilen üpjün edilen kuwwatly tehnikalar hem bereketli hasylyň oragyna girişdiler. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Magtymguly daýhan birleşiginiň bugdaý meýdanynda galla oragynyň alnyp barlyşyny synlady.

Döwlet Baştutanymyz galla kombaýnlarynyň işini synlaýan pursatlarynda ýetişdirilen hasylyň kesgitlenen möhletlerde ýygnalyp alynmagy babatda wise-premýer T.Atahallyýewe birnäçe tabşyryklary berdi. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin dünýä meşhur kompaniýalaryň ýokary öndürijilikli tehnikalarynyň we gurallarynyň satyn alynýandygyny belläp, hormatly Prezidentimiz oba hojalyk tehnikalarynyň örän netijeli ulanylmalydygyna ünsi çekdi.

Wise-premýer oba hojalyk toplumynyň ähli düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi, häzirki zaman tehnikalarynyň yzygiderli satyn alynmagy babatda döwlet derejesinde alada edilýändigi üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk bildirip, öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda ähli tagallalaryň ediljekdigine ynandyrdy.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ak ekin meýdanlarynda alnyp barylýan işler, bugdaý oragynyň depginleri we hasyllylygyň derejesi bilen gyzyklandy. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary tutuş ýurdumyz boýunça galla oragynyň batly depginlerde dowam edýändigini aýdyp, geçen hepde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda, şu gün bolsa Balkan hem Daşoguz welaýatlarynda galla oragyna girişilendigi, oragy guramaçylykly geçirmek ugrunda ýokary derejeli taýýarlyk işleriniň alnyp barlandygy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk toplumynyň ösdürilmegine berýän goldawy netijesinde galla oragy möwsüminde «John Deere», CLAAS ýaly meşhur kompaniýalaryň häzirki zaman galla orujy kombaýnlary netijeli ulanylýar. Gallaçylar üçin satyn alnan ýokary öndürijilikli täze tehnikalar gije-gündizleýin tertipde işledilip, ýetişdirilen bol hasyly çalt we ýitgisiz ýygnamaga ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalygyna degişli önümçilik kärhanalarynyň, şol sanda elewatorlaryň, gaýtadan işleýän düzümleriň, suw hojalyk toplumlarynyň netijeli işiniň ýola goýulmalydygyna ünsi çekdi. Şol bir wagtyň özünde galla oragynyň ýokary hilli, öz wagtynda tamamlanmagynyň wajypdygyny belläp, döwlet Baştutanymyz tabşyrylan hasyl üçin daýhanlar bilen hasaplaşygy öz wagtynda geçirmek babatda anyk görkezmeleri berdi.

Şu möwsümde Diýarymyzyň ak ekin meýdanlaryna bugdaýyň bol hasyl berýän «Arkadag», «Serdar», «Pyragy» ýaly täze görnüşleri ekildi. Bellenilişi ýaly, bugdaýyň täze görnüşleri ýokary hasyllylygy, däneleriniň iriligi we köp suw talap etmeýändigi bilen tapawutlanýar. Bu bolsa täze görnüşleriň bähbitlilik derejesiniň ýokarydygyny görkezýär.

Soňra hormatly Prezidentimiz bu ýerde guralan gök-bakja we miwe önümleriniň, däneli ekinleriň görnüşleriniň, çörek we çörek önümleriniň sergisi bilen tanyşdy. Sergidäki çörek önümleriniň bugdaýyň şu ýylky ilkinji hasylyndan taýýarlanylandygy habar berildi.

Döwlet Baştutanymyz sergide görkezilýän önümler bilen tanyşlygyň dowamynda türkmen topragynda ösdürilip ýetişdirilýän önümleriň, şol sanda galla önümleriniň ýokary hili, ýokumlylygy, ekologik taýdan arassalygy bilen tapawutlanýandygyny nygtap, pudaga häzirki zamanyň täzeçil usullarynyň, sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmalydygyny aýtdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz bu ýerde pudaga täze gelip gowşan häzirki zaman tehnikalaryny synlady.

Oba hojalyk toplumyna gelip gowşan galla kombaýnlarynyň enjamlaşdyrylyş derejesi, olaryň öndürijilik kuwwaty ýokary halkara ülňülere doly laýyk gelýär. ■ 2



## YKDYSADYÝETDE DÖWREBAP ÖSÜŞLER

**Jemi içerki önümiň bäş aýdaky görkezijileri ykdysady ösüşiň ýokary we durnuklydygyny tassyklaýar. Hormatly Prezidentimiziň «Ata Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek biziň baş maksadymyzdyr» diýen sözleri 2025-nji ýylyň – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wakalarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Bilşimiz ýaly, şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrmak boýunça maksatnamalaýyn we çuňňur oýlanyşykly çözgütleriň kabul edilmegi ykdysadyýetiň hemmetaraplaýyn, okgunly ösüşiniň möhüm şerti bolup durýar.** ■ 3

## YLYM – OKGUNLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY



Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde Ylymlar gününiň giňden bellenilmeginde çuňňur many bar. Çünki ylym jemgyýetçilik ösüşiniň kuwwatly özgerdiji güýji hökmünde ýurdumyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan iri halkara guramalar we ylmy merkezler bilen ylym hem-de ýokary tehnologiýalar babatda hyzmatdaşlyk edýär. Döwlet Baştutanymyzyň ylmy önümçilige ýakynlaşdyrmakda öňde goýan wezipeleri alymlaryň işleriniň netijelerinde öz beýanyny tapýar. Dünýäniň abraýly ylym we bilim merkezleri bilen gatnaşyklary ösdürmek meseleleri hem hormatly Prezidentimiziň üns merkezinden düşmeýär. ■ 3




## ŞADYÝAN TOMUS WE TERBIÝE TEJRIBELIGI

**Çagalar – berkarar Watanymyzyň beýik geljegi, bagtyýar durmuşymyzyň gülleri. Şoňa görä-de, olar bu gün çäksiz alada we tükeniksiz söýgi bilen gurşalýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda çagalaryň bagtyýar durmuşda ýaşaýşyny üpjün etmäge, döwrebap bilim we terbiýe almagy üçin hemme şertleri döretmäge gönükdirilen toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär. Bu gün eziz Diýarymyzyň iň gözel künjeklerinde hereket edýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri, obalarda, şäherçelerde we şäherlerde gurlan döwrebap orta mekdeplerdir çagalar baglary, sport mekdepleri hem-de beýleki desgalar ýaş nesil hakdaky aladalaryň dabaralanmasy bolup durýar.** ■ 3

# «TURKMENTEXTILE EXPO – 2025» atly halkara sergi-ýarmarkasy geçirilýär

*11-13-nji iýunda ýurdumyzyň dokma senagatynyň ösüşine we bu ugurda halkara hyzmatdaşlyga bagyşlanan «Turkmentextile Expo – 2025» atly halkara sergi-ýarmarka geçirilýär. Giň gerimli sergi milli ykdysadyýetimiziň bu möhüm pudagynyň mümkinçiliklerini, öňdebaryjy gazananlaryny, täze öndürýän önümlerini tanyşdyrmaga, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli işewürlik gatnaşyklaryny has-da ösdürmäge amatly şertleri döredýär.*

Sergä Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky kärhanalaryň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalarynyň, daşary ýurtlardan dokma enjamlaryny, dokma senagaty üçin boýag we himiki serişdeleri, çig mal, gaplaýjy we önümçilik serişdelerini öndüriji, üpjün ediji kompaniýalaryň 110-a golaýy öz diwarlyklary bilen gatnaşýar. Şolaryň 60-dan gowragy daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary we belli moda birleşmeleridir.




Dokma senagaty ministrliginiň diwarlygynda bu pudakda ýetilen sepgitler giňden beýan edilýär. Durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň çäklerinde ýurdumyzyň dokma pudagy milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginde ösýän ugurlarynyň birine öwrüldi. Soňky ýyllarda öňdebaryjy tehnologik enjamlar ornaşdyrylan döwrebap dokma kärhanalarynyň ençemesi guruldy. Hereket edýän iri dokma toplumlary, pagta egriji we tikinçilik fabrikleri, piläni gaýtadan işleýän kärhanalar, aýakgap fabrikleri ekologiýa taýdan arassa çig mallardan ýokary hilli önümleri öndürip, döwletimiziň eksport mümkinçilikleriniň has artmagyna mynasyp goşant goşýarlar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda eýeleýän orunlaryny barha pugtalandyrýarlar. Şunuň bilen baglylykda, «Batly-Gadam», «Gerçek ýigit», «Gök saraý» hususy kärhanalarynyň öz önümçilikleri üçin zerur bolan nah ýüplügi gaýtadan işlemek arkaly öndürýän önümleriniň görnüşlerini artdyrýandyklaryny bellemek gerek. ■ 2

# «TALYP YLHAMY» döredijilik bäsleşiginiň ýeňijileri sylaglandy

10-njy iýunda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň binasynda Ylymlar gününe bagyşlanyp «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň bilelikde guramagynda talyp ýaşlaryň arasynda yglan edilen «Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi. «Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşiginiň şertlerine we düzgünine laýyklykda:



Baş baýraga «Ýitginiň sesi...» atly hekaýasy bilen Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby Bagtyýar Gurbanberdiýew mynasyp boldy.

1-nji orna «Futbolçyny bagta ýetiren söz» atly hekaýasy bilen Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby Nurguly Gurbanow laýyk görüldi.

2-nji orna «Çaga terbiýesiniň altyn kadasy» atly hekaýasy bilen Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby Ogulgerek Zakirjanowa hem-de «Meniň gahrymanym» atly hekaýasy bilen Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby Gözel Umarowa mynasyp boldy. ■ 2

4

## Çölde şäher gurlar



Müsüriň häkimiýetleri çölde Jirian atly täze şäher gurmak boýunça meýilnamasyny mälim etdi. Agzalan şäher Kairden 42 kilometr günbatarda, 6,8 million inedördül metr meýdanda ýaýbaňlandyrylar.

5

## Tropik tokaýyň täsin jandarlary



Amazon tokaýlary diňe bir gür sümme agaçlary we syrly derýalary bilen däl, eýsem, täsin jandarlary bilen hem haýran galdyrýar.

7

## Ildeşlerimiziň nobatdaky üstünligi



Aziýa Kubogy 2027-niň 3-nji saýlama tapgyrynyň çäginde Türkmenistanyň ýygyndysy Aşgabatda Tailandyň ýygyndysyny 3–1 hasabynda utdy.

8

## FIFA Klublar Dünýä Kubogy



Hepdäniň ýekşenbe güni ilkinji gezek 32 toparyň gatnaşmagynda FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşyna badalga berler. Bir aýlap dowam etjek çempionat ABŞ-da geçiriler. Duşuşyklar 11 şäherdäki 12 stadionda oýnalar.

## Raýatlyga almakda rekord goýdy

Geçen ýyl Germaniýa has köp adamy raýatlyga kabul etdi. Ýurduň statistika edarasynyň (Destatis) maglumatyna görä, 2024-nji ýylda 291 müň 955 adam raýatlyga kabul edilipdir. Bu görkeziji 2023-nji ýyldakydan 91 müň 860 adam artyk bolupdyr. Has köp adamyň raýatlyga kabul edilmeginde geçen ýyl Raýatlyk baradaky kanuna üýtgeşme girizilmeginiň täsiriniň bardygy bellenilýär. 2024-nji ýylyň 24-nji iýunynda güýje giren kanuna görä, bu ýurtda 5 ýyl ýaşan daşary ýurtlular raýatlyk alyp bilýärler. Käbir şertleri ýerine ýetirenler bolsa, 3 ýyldan soň ýurduň raýatlygyny alyp bilýärler. Ondan öň azyndan 8 ýyl Germaniýada ýaşanlar raýatlyk üçin ýüz tutup bilýärdiler.



**Aýjeren AMANOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň iň uzyn otly syýahaty

Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň paýtagty Phenýan bilen Russiýanyň paýtagty Moskwanyň arasynda demir ýol gatnawynyň 17-nji iýuldan başlap gaýtadan ýola goýuljakdygy mälim edildi. Bu otly gatnawy pandemiýa wagtynda togtadylypdy. Rus demir ýollary AGPJ 10 müň kilometrlik bu aralygyň 8 gün dowam edýändigini mälim etdi. Bu syýahat dünýäniň iň uzyn göni demir ýol gatnawy hasaplanýar. Demir ýol edarasy otlynyň her aýyň 3-ine hem-de 17-sine Phenýandan Moskwa, her aýyň 12-sine hem-de 26-syna Moskwadan Phenýana ugrajakdygyny mälim etdi. 19-njy iýundan başlap bolsa, Phenýan bilen Russiýanyň Habarowsk şäherleriniň aralygynda hem aýda bir gezeklik gatnaw ýola goýlar.



**Selbi BAKAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Tiz zarýad berýän beketleri gurar

Hytaýyň BYD kompaniýasy Ýewropa ýurtlarynda elektroulaglar üçin aşa tiz zarýad berýän beketleri gurmagy meýilleşdirýär. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Stella Li geljek bir ýylyň dowamynda sebitde hyzmatdaşlary bilen bilelikde infrastruktura gurmak üçin gepleşikleri geçirýändigini mälim etdi. Li Ýewropadaky satuwlarynyň her aýda 10% töweregi artýandygyny aýdyp, Ýewropada täze önümçilik desgalaryna hem maýa goýum gönükdirjekdiklerini belledi. BYD şu ýylyň ahyrynda Ýewropadaky ilkinji zawodynda awtoulag önümçiligine başlar.



**Mähriban ORAZBERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň ylmy işgäri.*

## Uçar gatnawynyň ornuny tutar

Ýokary tizlikli otly ýollarynyň peýda bolmagy gysga aralykdaky uçar gatnawlarynyň ornuny tutup başlady. Awiasiýa pudagynda ýangyjyň köp sarp edilmegi ýaly beýleki sebäpler hem otly gatnawyna islegi ýokarlandyrýar. Beýik Britaniýanyň «Eurostar» kompaniýasy Londondan Günbatar Ýewropanyň birnäçe şäherine ýokary tizlikli ýolagçy gatnawlaryny amala aşyrýar. Indi bolsa, kompaniýa Frankfurt we Ženewa ýaly şäherlere has gysga aralykdan gatnawy ýola goýmagy meýilleşdirýär. Täze ugurlar 2030-njy ýylyň başynda peýda bolar. Şeýlelikde, Londondan Frankfurta 5 sagatda, Ženewa 5 sagatdan hem az wagtda baryp bolar. Syýahatyň wagtynyň azalmagy uçar gatnawy bilen bäsdeşlik etmäge mümkinçilik berer. «Eurostar» geçen ýyl 19,5 million ýolagçy gatnadypdyr.



**Atajan KARAMIDDINOW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Buz gatlagy çalt eredi

Geçen aý dünýäniň iň uly adasy bolan Grenlandiýada buz gatlagynyň adatdakydan has çalt erändigi mälim edildi. Yssy howa Islandiýada hem hasaba alnypdyr. Dünýäniň howa ýagdaýy (World Weather Attribution) atly ylym torunyň maglumatyna görä, maý aýynda Grenlandiýadaky buzluklar 17 esse çalt eräpdir. Şeýle hem agzalýan döwürde Islandiýada howanyň temperaturasy 1991-2020-nji ýyllar aralygyndaky ortaça ýylylykdan 13 dereje ýokary bolupdyr. Bu iki adadaky yssy howanyň 100 ýyldan bir gezek gaýtalanyp biljekdigi bellenilýär.

Adatça, Grenlandiýa, Islandiýa we Antarktida ýaly sebitlerde buz örtügi ýylyň belli döwründe eräp kiçelýär we soňra sowuk howada gaýtadan doňýar.



# GALLA ORAGY MÖWSÜMI GURAMAÇYLYKLY GEÇIRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu kombaýnlar ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän derejede bolup, olaryň öndürijiligi ýokary görkezijilere eýedir. Sanly ulgam arkaly dolandyrylýan tehnikalarda mehanizatorlaryň öndürijilikli işiniň üpjün edilmeginde möhüm ähmiýeti bolan ähli zerur şertler göz öňünde tutulypdyr.



Döwlet Baştutanymyz gallaçy kärendeçi I.Akmyradowyň alyp barýan işi, maşgala ýagdaýy bilen gyzyklanyp, onuň kärende ýerinde ýetişdirilen hasylyň derejesine üns berdi.

Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly daýhan birleşiginiň kärendeçisi I.Akmyradow Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu ýere gelip, alnyp barylýan işler bilen gyzyklanmagynyň özi üçin belent mertebedigini nygtady hem-de hormatly Prezidentimiziň Şa gadamynyň mübärek bolmagyny arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz kärendeçiniň alan ýeriniň ululygy, hasyllylygyň derejesi we kärendeçiligi netijeli alyp barmak ugrunda döredilýän şertler bilen gyzyklanyp, döwletimiziň daýhanlaryň yhlasly zähmetiniň ýerine düşmegi, oba hojalykçylaryň iş we durmuş şertleriniň gowulandyrylmagy ugrunda yzygiderli alada etjekdigini belledi.

Kärendeçi hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň döredýän mümkinçilikleriniň netijesinde tutanýerli zähmet çekmek üçin ähli şertleriň üpjün edilýändigini nygtady. Ol 2010-njy ýyldan bäri maşgala agzalary bilen kärendä alan ýerinde bugdaý we gowaça ösdürip ýetişdirýändigini aýtdy.

Şeýle hem ol özüniň 62 gektar kärende ýeriniň bardygyny, 2025-nji ýylyň hasyly üçin 42 gektara bugdaý, 20 gektara bolsa gowaça ekendigini, bugdaý meýdanynyň her gektaryndan 40 sentnere golaý hasyla garaşýandygyny habar berdi. Kärendeçi öz iş ýerine hormatly Prezidentimiziň gadamynyň düşmeginiň tutuş maşgalasy üçin uly hormatdygyny nygtap, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Döwlet tarapyndan yzygiderli goldaw berilmegi netijesinde toprakdan bol hasyl alynýar we gowy girdeji gazanylýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda oba hojalygy ösdürmäge uly üns berilýändigini, oba ýerlerinde adamlaryň durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin ähli zerur işleriň geçirilýändigini belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz halal zähmet çekip, ýerden bol hasyl alýan daýhanlara döwletimiziň hemişe goldaw berjekdigini aýdyp, kärendeçileriň asylly iş edýändiklerini, şeýle zähmetsöýer daýhanlaryň tagallasy bilen Diýarymyzda azyk bolçulygynyň berkidilýändigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz bu ýerde yhlasly zähmeti bilen sahawatly toprakdan bol hasyl öndürýän kärendeçä öz sowgatlaryny gowşurdy.

Öz nobatynda, kärendeçi Şa serpaýy hem-de daýhanlaryň netijeli zähmet çekmegi ugrunda döredilýän ähli şertler üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

* * *

Şol gün ýurdumyzyň Daşoguz we Balkan welaýatlarynyň bugdaý meýdanlarynda orak möwsümine badalga berildi. 2025-nji ýylda ýurdumyzyň gallaçy daýhanlary 690 müň gektar ýerden azyklyk bugdaýyň 1 million 400 müň tonnasyny ýygnap almagy meýilleşdirýärler. Demirgazyk sebitiň ekerançylary 145 müň gektar bugdaý ekilen meýdandan 265 müň tonna, Günbatar sebitiň gallaçylary bolsa, 50 müň gektar ýerden 80 müň tonna bugdaý hasylyny alarlar.

# «TURKMENTEXTILE EXPO – 2025» ATLY HALKARA SERGI-ÝARMARKASY GEÇIRILÝÄR



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň telekeçileri diňe bir tebigy çig mala esaslanýan däl, eýsem, öňdebaryjy tehnologiýalary we tejribeleri ornaşdyrmak arkaly döwrebap önümçilik toplumlarynyň döredilmegine-de işjeň gatnaşýarlar. «Berk ýüplük» hojalyk jemgyýeti, «Abraýly dostlar» hususy kärhanasy Türkmenistanda öndürilýän polipropilenden ýüplükleri taýýarlaýarlar. Bu ýüplükler mebel, plastik turba, torba we tanap ýaly önümçiliklerde giňden peýdalanylýar. «Abadan haly» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti hem hut şu usulda ajaýyp haly önümlerini öndürýärler. Kärhananyň sergide görkezýän halylary nepisligi bilen tapawutlanýar. «Geran», «Saraýan» kärhanalary önümçilik we iş lybaslarynyň, esbaplaryň giň toplumyny hödürleýärler. «Däp» kärhanasy döwrebap biçüwde, häzirki zaman dizaýn usullarynda taýýarlanylan geýimleridir beýleki önümlerini sergä gelýänlere görkezýär.

### ÝERLI WE HALKARA MODA GÖRKEZILIŞI

Aşgabatda geçirilýän «TurkmenTextile Expo-2025» halkara sergisiniň çäklerinde ýerli hem-de halkara moda görkezilişi geçirildi. Tomaşaçylar türkmen brendleriniň egin-eşik kolleksiýalary, şeýle hem Fransiýadan, Italiýadan, Gazagystandan, Singapurdan, Beýik Britaniýadan, Hindistandan, Özbegistandan we Niderlandlardan gelen daşary ýurtly moda dizaýnerleriniň kolleksiýalary bilen tanyşmak mümkinçiligine eýe boldular.

Moda görkeziliş maksatnamasy Aşgabadyň Modalar öýüne wekilçilik edýän türkmen brendi «Miras» kolleksiýalary bilen başlady. Brend ulular we çagalar üçin niýetlenen milli köýnekleriň we egin-eşikleriň modellerini görkezdi.

Soňra maksatnama Gündogar medeniýetinden ruhlanan ajaýyp agşam lybaslaryny hödürlän «Mad Mood Milano» moda öýüniň işleri bilen dowam etdi.

Gazagystanyň «Aspar» brendi Gündogar bilen Ýewropanyň medeniýetleriniň birleşmeginde döredilen kolleksiýasyny tomaşaçylara hödürledi. Dizaýner Göwher Pirkuliýewa-Guwerne türkmen milli lybasynda täzeçe çemeleşmäni görkezip, onuň sazlaşygyny we dinamikasyny nygtady.

Moda görkezilişiniň estafetasyny «Haýden Ng» dowam etdirdi. Ol nusgawy çyzykly alajagaplaň nagyşlary bilen utgaşdyrylan egin-eşiklerini görkezdi.

Özbegistanyň «Silk Vats» brendi tebigy ýüpekden tikilen lybaslaryny görkezdi, olarda Gündogar nagyşlary bilen häzirki zaman moda akymlary utgaşdyrylypdyr.

# «TALYP YLHAMY» döredijilik bäsleşiginiň ýeňijileri sylaglandy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

3-nji orunlara degişlilikde, «Ýorgut» atly hekaýasy bilen TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby Ajaýyp Nobatowa, «Meletaýym – Meleguş» atly hekaýasy bilen Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby Dursunjemal Mollaýewa hem-de



«Çagalygymdan bir pursat» atly hekaýasy bilen Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby Aýgül Nazarlyýewa dagy laýyk görüldi.

Şeýle hem Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby Soltangözel Kerwenowa («Goşa daragt» hekaýasy), Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby Şirin Orazmyradowa («Hat» hekaýasy) we Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk institutynyň talyby Serdar Mätçikow («Bagt duralgasy» hekaýasy) dagy höweslendiriji baýraklara mynasyp boldular.

Baýrakly orunlara mynasyp bolan talyplara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň hem-de «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasynyň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Gün-günden özgerýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň belent ösüşlerinde ýaşlaryň mynasyp paýy bar. Zehinli ýaşlarymyz öz döredijiliginde berkarar Watanymyzy, eşretli zamanamyzy, bagtyýar halkymyzy, parahatçylygy, dost-doganlygy çeper sözde wasp edýärler. «Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşigine gatnaşan talyp ýaşlarymyza «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasynyň adyndan köp sagbolsun aýdýarys. Baýrakly orunlara mynasyp bolan zehinli ýaşlarymyzy bolsa, ýene bir gezek tüýs ýürekden gutlap, galamlarynyň ýiti bolmagyny we döredijilik başarnyklarynyň has-da giňemegini arzuw edýäris!

**«Zaman-Türkmenistan».**

# Sebit hyzmatdaşlygynyň möhüm ugry

Garaşsyz döwletimiziň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan, parahatçylyk söýüjilige, hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan daşary syýasat strategiýasy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Dünýä döwletleri bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmek bu strategiýanyň esasy ugurlarynyň biridir. Döwlet Baştutanymyzyň Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherinde geçirilen



«Merkezi Aziýa – Italiýa» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmagy munuň aýdyň güwäsidir.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen bu sammite Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleri gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň sammitde eden taryhy çykyşynda bu duşuşygyň Merkezi Aziýa döwletleri bilen Italiýanyň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynam bildirip, Türkmenistanyň geljegi uly bolan bu görnüşiň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini we ony ösdürmäge öz goşandyny goşmaga taýýardygyny nygtamagy ýurdumyzyň parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerine berk eýerýändiginiň tassyklanmasy boldy.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň bu görnüşiň çäklerinde däp bolan ykdysady hyzmatdaşlygyň energetika, ulag, senagat, maliýe we hususy pudaklar ýaly ugurlary bilen birlikde, sanly ulgam, «ýaşyl» tehnologiýalar we emeli aň ýaly täze ugurlaryna hem üns berilmegini zerur hasaplaýandygyny belledi.

Häzirki wagtda Italiýa bilen Türkmenistanyň arasynda syýasy-diplomatik gatnaşyklar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň hem-de beýleki halkara düzümleriň çäklerinde üstünlikli ösdürilýär. Italiýa Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen köp sanly Kararnamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.

**Begmuhammet BAÝRAMGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# AWAZA – dostluk mekany

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda 30 ýyllyk taryhy senesine giňden taýýarlyk görülýän hemişelik Bitaraplygymyzyň ynsanperwer maksatlaryny dabaralandyrýan «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwalynyň dürli çäreleri mazmun taýdan biri-biri bilen sazlaşdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly, bu halkara forum ýurdumyz bilen dünýä döwletleriniň arasyndaky medeni köprüleri has-da pugtalandyrar. Dostlukly halklar özleriniň tans we folklor sungatynda gazanan üstünlikleri bilen tanyşdyrarlar. Şeýle-de parahatçylyga, dost-doganlyga söýgi döretmekde festiwal uly ähmiýete eýe bolar. Hakykatdan hem, şeýle boldy. Dünýäniň köp sanly ýurdundan – Eýrandan, Hindistandan, Özbegistandan, Täjigistandan gelen medeniýet we sungat ussatlary bilen türkmen medeniýet we sungat ussatlary tejribe alyşdylar.

«Daýanç» sagaldyş merkeziniň mejlisler zalynda geçirilen «Küştdepdi – parahatçylyk waspçysy» atly halkara maslahat şeýle möhüm ähmiýetli çäreleriň biri boldy. Onda giň gerime eýe bolan täsirli çykyşlarda nygtalyşy ýaly, küştdepdi tansy halk döredijiligimiziň giňden ýaýran hem-de gadymy görnüşleriniň biridir. Küştdepdi tansy milli toý-baýramlarymyzyň, şol sanda maşgala baýramçylyklarymyzyň bezegidir. Küştdepdi tansynda türkmen halkynyň kämil pikir-garaýyşlary, tämiz duýgulary, ruhy ahwalatlary, durmuşa bolan synmaz söýgüsi beýanyny tapýar.



Festiwalyň çäklerinde geçirilen döredijilik duşuşyklary, tans sungaty boýunça ussatlyk sapaklary, halk döredijilik, folklor-etnografik toparlarynyň çykyşlary, öz halkynyň milli sungatyny görkezmekleri halkara çäräniň üstünliklere beslenmegine itergi berdi.

**Mekan NYÝAZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# KÜŞTDEPDI – parahatçylygyň tansy

Häzirki wagtda maşgala toýlarynda, ýurdumyzyň uly baýramçylyk dabaralarynda ýa-da dünýäniň dürli ýurtlarynda Türkmenistanyň medeniýet günleri geçirilende halk döredijiliginiň şahyrana görnüşi bolan küştdepdi tansy ussatlyk bilen ýerine ýetirilýär. Asyrlaryň dowamynda halkymyz bilen bile ýaşap gelýän küştdepdilerimiz häzirki wagtda täze gazallaryň owazyna depilýär. Ol gazallarda ajaýyp zamanamyz, eşretli durmuşymyz, ýurdumyzyň gözellikleri, dünýä sary uzaýan dost-doganlyk ýollarymyz, mukaddes söýgi buýsanç bilen wasp edilýär.

Halkymyzda ýöne bir saz çalnyp ýa dep kakylyp küşt depilibermeýär. Munuň üçin ýörite gazal aýdylýar. Özi-de diňe küştdepdi üçin niýetlenen gazallar. Şol gazallarda halkyň ýürek sesi, begenji we hal-ýagdaýy öz beýanyny tapýar. Küştdepdi tansynyň hereketleri-de dürli manylara eýedir. Bu bolsa ata-babalarymyzyň irki döwürlerden bäri sungaty, edebiýaty hemra tutunyp gelipdirler diýip aýtmaga esas döredýär.

2017-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Çeju şäherinde (Koreýa Respublikasy) Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak boýunça hökümetara komitetiniň 12-nji mejlisiniň barşynda aýdym aýtmagyň we tans etmegiň «Küştdepdi» milli sungaty



ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň Reprezentatiw sanawyna biragyzdan kabul edildi. Bu çözgüt umumadamzat medeni mirasyň aýrylmaz bölegi bolan türkmen halkynyň milli medeniýetiniň ägirt uly ähmiýetiniň ykrarnamasydyr.

**Guwançbaý AGAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Daşkent halkara maýa goýum forumy

Türkmen-özbek halklarynyň taryhyň dowamynda kemala gelen dostluk hem-de hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň özeni medeni we ruhy däpleriň umumylygyna esaslanýar. Birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan türkmen-özbek hyzmatdaşlygy iki ýurduň hem-de tutuş sebitiň abadançylygynyň maksatlaryna gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, iki döwletde geçirilýän halkara derejedäki maslahatlardyr forumlara ýokary derejede wekilçilik edilýär.

Ýakynda Özbegistanyň paýtagtynda IV Daşkent halkara maýa goýum forumy geçirildi. Bu forum halkara maýadarlar, hökümet wekilleri, maliýe guramalary we işewürlik dünýäsi bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek




üçin möhüm meýdança öwrüldi. Oňa Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýewiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet gatnaşdy. Ilkinji gezek giň gerimli görnüşde geçirilen foruma Bolgariýanyň Prezidenti Rumen Radew, Slowakiýanyň Premýer-ministri Robert Fiso, Gazagystanyň Premýer-ministri Olžas Bektenow, Gyrgyzystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygy Adilbek Kasymaliýew, Täjigistanyň Premýer-ministri Kohir Rasulzoda, Azerbaýjanyň Premýer-ministri Ali Asadow hem-de dünýäniň ençeme ýurdundan ýokary derejeli wekiliýetler gatnaşdy.

Şeýle iri foruma ýurdumyzdan hem wekilçilik edilmegi bir tarapdan türkmen-özbek söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň berkeýändigini, beýleki tarapdan bolsa, ýurdumyzyň dünýä ykdysadyýetine işjeň goşulýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr. Söwda-ykdysady gatnaşyklar türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň biridir.

**Baba BABAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Pileçilik we ýüpekçilik

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň oba hojalygynda täze önümçilik gatnaşyklaryny ýola goýmaga, oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen beýik işler durmuşa geçirilýär.

Ussat pileçileriň şertnamalaýyn borçnamalaryny birkemsiz ýerine ýetirmegi üçin döwlet tarapyndan uly goldaw berilýär. Şu ýyl ussat pileçiler tarapyndan ýurt boýunça 2 müň 100 tonnadan gowrak pile öndürilip, bellenen şertnamalaýyn borçnama üstünlikli berjaý edildi. Milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolan dokma senagatyny ösdürmekde ýüpek önümçiligi aýratyn orna mynasypdyr. Häzirki wagtda türkmen ýüpeginden ýurdumyzda ilkinji gezek panbarhatyň täze görnüşleri çykarylyp başlandy. Aşgabadyň ýüpek fabrigi we Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi öndürilýän ýüpegi gaýtadan işleýän esasy kärhanalar bolmak bilen, doly döwrebap ýagdaýa getirildi hem-de häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edildi. Bu kärhanalarda ýüpek halylary, milli keteni matalary we beýleki önümleri taýýarlamak üçin täze önümhanalar açyldy. Zenanlarymyzyň arasynda uly meşhurlykdan peýdalanýan panbarhat matalary öndürýän Aşgabadyň panbarhat fabrigi ýüpek süýümi bilen bökdençsiz üpjün edilýär.



Ýüpekçilik gadymy pudak bolup, Hytaýda döräp, soňra Hindistana we Ýewropa aralaşypdyr. Hytaý, Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa, Hindistan, Braziliýa, Italiýa we Fransiýa ýaly ýurtlarda ýüpekçilik uly ähmiýete eýedir. Ýüpek önümçiliginiň 90%-i Hytaý we Hindistana degişlidir.

2022-nji ýylyň 28-nji noýabry 3-nji dekabry aralygynda Rabatda geçirilen ÝUNESKO-nyň hökümetara komitetiniň mejlisinde Azerbaýjan, Owganystan, Türkiýe, Türkmenistan, Täjigistan we Özbegistan ýaly döwletleriň hödürnamasy esasynda ýüpekçilik hem-de däp bolan ýüpek önümçiligi ÝUNESKO-nyň adamzadyň maddy däl mirasynyň sanawyna goşuldy. Tuduň ýapragy ýüpek gurçugynyň ýeke-täk iýmit çeşmesi hasaplanýar. Tut ösdürip ýetişdirmek ýurdumyzda, esasan hem, 2000 gektardan gowrak meýdany bolan Daşoguz welaýatynda giňden ýaýrandyr.

Maglumatlara görä, global ýüpek bazary 2021-nji ýylda 15,6 milliard amerikan dollary töweregi bolup, 2031-nji ýyla çenli ýyllyk ösüşi 8,2% bilen 34,1 milliard amerikan dollaryna ýeter. Ýurdumyzda öndürilýän ýüpek önümleri Koreýa Respublikasyna, Eýrana we Hindistana eksport edilýär.

**Batyr SERDAROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 13-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116513
Belgisi: 24/1642
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BITARAPLYK – MIZEMEZ BAGTYŇ BEÝANY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda şu ýyl ýurdumyzda we halkara derejesinde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy, BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy we 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylmagy mynasybetli dürli derejelerde halkara çäreleriň geçirilmegi türkmen halkynyň abraý-mertebesini dünýä ýaýýar.

Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan başlangyçlary diňe bir türkmen halkynyň parahatçylygyna, asudalygyna, berkararlygyna gönükdirilmän, eýsem, sebit we dünýä derejesinde-de uly ähmiýete eýedir. Türkmenistan ählumumy gün tertibiniň wajyp meseleleri boýunça sazlaşykly çözgütleri işläp taýýarlamakda howpsuzlygy, durnuklylygy pugtalandyrmakda, sebit hem-de halkara derejede umumy tagallalary iş ýüzünde amal edýär.

2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üçünji gezek kabul edilmegi Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň ynsanperwerlik ýörelgesine esaslanýan parahatçylyk söýüjilikli, hoşniýetli syýasatynyň, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlarynyň bütin dünýäde rowaçlanmagydyr.

Bu gün dünýä ýüzi ata Watanymyzyň öňe sürýän asylly ýörelgelerini, oňyn Bitaraplyk syýasatyny goldaýar. Ata Watanymyz halkara gatnaşyklarda parahat söýüjilikli meýilleri wagyz edýän iň işjeň ýurtlaryň biri hökmünde tanalýar. Şol başlangyçlaryň dünýädäki iň abraýly gurama – Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýa-



synyň belent münberinde hemişe ykrar edilýändigi her bir türkmenistanlyda egsilmez buýsanç duýgusyny döredýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda soňky 5 ýylyň 3-siniň şygary baradaky Kararnamalar ýurdumyzyň başlangyjy esasynda kabul edildi. Has anyk aýtsak, Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2021-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», 2023-nji ýyl «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly», 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyryldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýiti paýhasy, oýlanyşykly başlangyçlary bilen baky Bitaraplygymyz sebitde parahatçylygy, durnuklylygy üpjün etmek babatdaky geljegi uly bolan uzakmöhletleýin maksatnamalaryň rowaçlyklara beslenmeginde netijeli gurala öwrüldi. Şeýle-de ýurdumyz BMG bilen örän köp ugry öz içine alýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň gerimini yzygiderli giňeldýär. Soňky ýyllarda Türkmenistan döwletimiziň birnäçe gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna, şeýle-de bu halkara guramanyň birnäçe abraýly düzümleriniň agzalygyna saýlanmagy şeýle hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň oňyn netijeleridir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly täze üstünliklere beslenýär. Ýaňy-ýakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 75-nji umumy mejlisinde Türkmenistan BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 2026-2028-nji ýyllar döwri üçin agzalygyna saýlanyldy. Bu düzüm birligi Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň ulgamyna girýän edaralaryň ykdysady we durmuş işini utgaşdyrmaga jogapkär esasy düzümleriň biri bolup durýar. Türkmenistan döwletimiz mundan ozal hem 2013-2015-nji we 2019-2021-nji ýyllar döwri üçin bu düzümiň agzalygyna saýlanypdy.

Dünýäde parahatçylygy, abadançylygy üpjün etmek babatda ägirt uly işleri durmuşa geçirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Gülaýym AMANGULYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# PARAHATÇYLYK – ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly taryhy wakalara beslenýär. Şu ýyl ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýäniň iň abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilmegine 30 ýyl bolýar. Munuň özi halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýoluny, Türkmenistan ýurdumyzyň şan-şöhratyny dünýä ýaýýar. Ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda gazanylýan üstünlikler Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende göterýär. Bu üstünliklere agzybir türkmen halky buýsanýar.

2025-nji ýylyň milli we halkara derejede dabaralandyrylýan parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleri Gahryman Arkadagymyzyň «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» diýen belent şygarlara esaslanýan syýasy-filosofik garaýyşlaryndan, «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusynda beýan edilýän pähim-paýhasly pikirlerinden gözbaş alýar.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Bitaraplyk hukuk derejesi üç gezek ykrar edilen Türkmenistan döwletimiziň dünýäniň syýasy gurşawynda öňe sürýän baş taglymaty parahatçylykdyr, ynsanperwerlikdir, ynanyşmakdyr, adamyň iň ýokary gymmatlykdygyna bolan düşünjäni, onuň erkin ýaşaýşyna ynamy berkitmekdir. Türkmen Bitaraplygy parahat ýaşamak, erkin zähmet çekmek, dost-doganlygy pugtalandyrmak ýaly ýörelgeleri rowaçlandyrýan gymmatlykdyr. Ýurdumyzyň Bitaraplygynyň aýratynlygy onuň umumadamzat ýaşaýşyny gözelleşdirmäge, dünýä jemgyýetçiliginiň abadançylygyna gönükdirilýändiginde, türkmençilige mahsus milli ýörelgelere esaslanýandygynda jemlenýär. Hemişelik Bitarap Türkmenistan parahatçylygy gorap saklamak, howpsuzlygy üpjün etmek



ýaly derwaýys meseleler boýunça umumadamzat bähbitlerinden ugur alýan garaýyşlary bilen çykyş edip gelýär. Şu ýörelge häzirki döwürde durmuş, ykdysady, syýasy taýdan ýeňil bolmadyk dünýä ösüş hereketiniň çäklerinde iň zerur meseleleriň çözgüdini tapmagy başarýan ýurdumyzyň dünýädäki ornuny pugtalandyrýar. Dünýädäki wakalaryň çalt we çylşyrymly özgerýän häzirki şertlerinde ýurdumyz özüniň oňyn Bitaraplygyny yzygiderli pugtalandyryp gelýär. Geçen taryhy döwür Türkmenistanyň durmuşa geçirýän daşary syýasatynyň oýlanyşykly we dogry saýlanyp alnandygyny hem-de dünýä bileleşiginiň ynamyny doly ödändigini tassyklaýar. Görşümiz ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hoşniýetli gatnaşyklara daýanýan hemişelik Bitaraplyk ýörelgesiniň netijesinde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmäge, raýatlarymyzyň ömrüni we saglygyny goramaga, jemgyýete sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmaga, ýurduň senagat we durmuş ulgamlaryny has-da ösdürmäge, azyk bolçulygyny üpjün etmäge, parahatçylygy we agzybirligi pugtalandyrmaga gönükdirilen işler barha öňe ilerleýär. Bu asylly başlangyçlaryň we beýik tutumlaryň uly üstünliklere beslenmegi bolsa, halkymyzy täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar.

Goý, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, dost-doganlygyň, ynanyşmagyň aýdyň güwäsine öwrülen türkmen Bitaraplygy biziň döwletimiziň şan-şöhratyny has-da belent derejelere ýetirsin! Bu ugurda ägirt uly işleri amala aşyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan işleri rowaç bolsun!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# YKDYSADYÝETDE DÖWREBAP ÖSÜŞLER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Mälim bolşy ýaly, sanly ulgam arkaly 4-nji iýunda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýanwar–maý aýlarynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi. Hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň möçberi 9,7 göterime deň boldy. Jemi içerki önümiň jan başyna düşýän möçberiniň Türkmenistanyň girdejisiniň orta derejeden ýokary bolan ýurtlaryň hatarynda bolmagy, ilkinji nobatda, salgyt-býujet, pul-karz we maýa goýum syýasatynyň netijeli amala aşyrylýandygyny görkezýär. Bu bolsa pudaklaryň durnukly ösüşini üpjün edýär.

Halkara pul gaznasy ykdysadyýetimiziň durnuk-



ly ösýändigini tassyklady. Geçen ýyl «Fitch Ratings» reýting agentligi Türkmenistanyň daşary ýurt walýutasyndaky uzak möhletleýin halkara reýtingini «B+» derejesinden «BB-» derejesine çykardy. Döwlet Baştutanymyz aprel aýynda Ýaponiýa saparynyň çäklerinde ýerli işewürler bilen duşuşanda, ýakyn ýyllarda ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüşiniň 6,3 – 8,3 göterim bolmagyna garaşylýandygyny aýtdy. Munuň özi ykdysady ösüş babatda ýurdumyzyň diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde hem öňdebaryjy orunlara çykjakdygyny aňladýar. Bu oňyn ýagdaýlar Watanymyzyň halkara giňişlikdäki maliýe abraýyny pugtalandyrýar.

Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 16,3 göterim artdy. Şu ýyl ykdysadyýete jemi 40,1 milliard manat möçberinde maýa goýum gönükdiriler. Goýumlaryň möçberi jemi içerki önümiň 40 göteriminden geçýär. Onuň 15 göterimine çenli möçberi daşary ýurt maýa goýumlarynyň, galan bölegi bolsa döwlet hem-de hususy maýa goýumlaryň paýyna düşýär. Munuň özi kärhanalary innowasion taýdan enjamlaşdyrmak, pudaklary döwrebaplaşdyrmak üçin häzirki zaman tehnologiýalaryna we dünýä tejribelerine ýol açýar.

«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, häzirki zaman kärhanalaryny gurmagyň we döwlet düzüminde bar bolanlarynyň durkuny täzelemegiň hasabyna 3 müňden gowrak iş orunlary dörediler. Şeýle hem şu ýyl umumy meýdany 500 müň inedördül metre golaý ýaşaýyş jaýlaryny, 4 müň 620 orunlyk umumybilim edaralaryny, 2 müň orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralaryny gurup ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Bu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzda köp sanly desgalardyr binalaryň gurluşygyna badalga berler, birnäçesiniň gurluşygy bolsa tamamlanar. Daşary ýurtlara iberilýän önümleriň hem-de daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň möçberini artdyrmak döwlet maksatnamalarynda ileri tutulýan ugurdyr. Şu ýyl daşary söwda dolanyşygynyň möçberini 20 milliard amerikan dollaryna ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Telekeçiligi ösdürmek bazar gatnaşyklary ulgamyny döretmegiň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Şonuň üçin ýurdumyzda innowasion ykdysadyýeti kemala getirmekde hususy işewürlik goldanylýar. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça şu ýylyň bäş aýynda oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 107,2 göterime, senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 108,2 göterime deň boldy. Umuman, 2025-nji ýylda jemi içerki önümiň möçberindäki döwlete dahylsyz bölegiň paýyny 71,6 göterime ýetirmek meýilleşdirilýär.

Umuman, Milli Liderimiz tarapyndan başy başlanan we hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan giň gerimli işler, iri möçberli özgertmeler döwletimiziň dünýä bileleşigindäki abraýyny ýokarlandyrdy. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzak möhletleýin milli maksatnamalarynyň yzygiderli durmuşa geçirilmegi, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň düýpli özgermegine ýardam edýär.

**Begenç ANNAGURBANOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN-HINDISTAN: IKITARAPLAÝYN WE KÖPTARAPLAÝYN GATNAŞYKLAR

Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we açyklyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy ugry durmuşa geçirmek bilen, sebitleýin hem-de halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda çykyş edýär.

Türkmenistan bilen Hindistanyň arasyndaky gatnaşyklar barada aýdylanda bolsa, olaryň dostlukly, özara hormat goýmak hem-de ynanyşmak häsiýeti bilen tapawutlanýandygyny turuwbaşdan bellemek




gerek. Gahryman Arkadagymyzyň 2010-njy ýylda bu ýurda bolan döwlet sapary türkmen-hindi hyzmatdaşlygynyň taryhynda möhüm tapgyra öwrüldi hem-de ähli ugurlarda netijeli gatnaşyklary mundan beýläkde ösdürmek üçin ygtybarly esas goýdy.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda iki ýurduň arasyndaky däp bolan döwletara gatnaşyklar köptaraplaýyn esasda, hususan-da, «Merkezi Aziýa – Hindistan» görnüşinde pugtalandyrylýar. Baý tebigy serişdelere eýe bolan Merkezi Aziýa ýurtlary bu gün «Merkezi Aziýa–Hindistan» energetika köprüsini döretmegiň üstünde işlemäge ukyplydyr. Ýurdumyz öz hyzmatdaşlary bilen bilelikde giň gerimli energetika taslamasy bolan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygyny amala aşyrýar. Türkmen tarapy hindistanly hyzmatdaşlar bilen elektrik energetikasy ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga-da taýýardyr. Harytlary we hyzmatlary erkin geçirmek meselelerini çözmek maksady bilen, ýurdumyz hindi tarapynyň Çabahar portuny Demirgazyk – Günorta halkara ulag geçelgesiniň düzümine goşmak hem-de bilelikdäki Iş toparyny döretmek hakyndaky tekliplerini goldaýar.

2022-nji ýylda «Merkezi Aziýa – Hindistan» görnüşinde döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda ýokary derejeli sammit geçirildi. Bu görnüşde eýýäm köp ýyldan bäri daşary syýasat edaralarynyň derejesinde duşuşyklar geçirilip gelinýär. Golaýda «Merkezi Aziýa–Hindistan» dialogynyň çäklerinde daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Şol mejlisiň çäklerinde işewürler geňeşiniň mejlisi guraldy. Mejlisiň dowamynda Merkezi Aziýada döwrebap infrastruktura döredilmegine aýratyn üns berildi.

Soňky ýyllarda Hindistan bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky söwda we ykdysady gatnaşyklarda ep-esli ösüş gazanyldy. 2014-nji ýylda söwdanyň möçberi 500 million ABŞ dollaryna golaý bolan bolsa, häzir bu görkeziji 2 milliard ABŞ dollaryna ýetdi. Farmasewtika önümleri Hindistanyň Merkezi Aziýa esasy eksporty bolmagynda galýar. Hindistan UPI, «Aadhaar» we «DigiLocker» ýaly platformalarda sebit ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk etmek isleýär. Sanly tehnologiýalary we emeli aň programmalaryny ulanmak söwda we ykdysady ösüş üçin täze mümkinçilikleri açyp biler.

**Begmyrat MYRADOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# YLYM – OKGUNLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzda «Bilim hakynda», «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Ylmy edaralar hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasat hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi ýurdumyzda ylmyň ygtybarly hukuk binýadyny döretdi. Bu kanunçylyk namalar ylym-bilim babatdaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, maksatlaryny, wezipelerini, hyzmatlaryny we onuň işini dolandyrmagyň tertibini hem-de ylmy işgärleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiliklerini, olaryň hünär taýýarlygyna



baha bermegiň ölçeglerini, şeýle-de ylmy edaralaryň hukuk ýagdaýyny, maksatlaryny, wezipelerini we ygtyýarlyklaryny, olaryň kysymlaryny we görnüşlerini, ylmy edaralaryň işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegini kesgitleýär.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Ylym netijeli ösüşleriň esasy çeşmesidir, täze açyşlara ruhlandyrýan güýçdür. Eziz Watanymyzda ylmy we bilimi ösdürmek, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmak, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny artdyrmak biziň baş maksatlarymyzyň biri bolup durýar» diýip belleýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz her bir döwletiň we jemgyýetiň sazlaşykly ösüşiniň ylym bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny, şoňa görä-de, Garaşsyz döwletimizde ylym ulgamyny kämilleşdirmäge uly üns berilýändigini nygtaýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr. Döwrümiziň ylmy-tehniki gazananlary, bilim hem-de innowasiýalar ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak ýoly bilen ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmegiň, ähli ugurlar boýunça öňegidişlikleri gazanmagyň, dünýäniň syýasy, ykdysady, ylmy-medeni giňişliginde Bitarap Watanymyzyň ornuny pugtalandyrmagyň girewi bolup hyzmat edýär» diýip, ýurdumyzyň bu ugurdaky halkara hyzmatdaşlygynyň wajypdygyny nygtaýar.

«Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynda» hem ýaşlary ylma çekmek üçin ähli şertleri döretmek we ylmy ojaklarda ýaş alymlaryň täze nesliniň kemala gelmegini üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Oňa laýyklykda, ýaşlaryň, aspirantlaryň we doktorantlaryň bäsleşik esasynda ylmy, innowasiýa işi boýunça işjeňleşmekleri gazanylýar hem-de olar höweslendirilýär. Ýurdumyzda ýokary derejeli hünärmenleri, ylmy we ylmy-pedagogik işgärleri taýýarlamak, olaryň hünärini yzygiderli kämilleşdirmek innowasion ulgamy ösdürmegiň esasy şertleriniň biridir. Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamak hakynda Düzgünnama laýyklykda, ýylyň-ýylyna aspirantura, doktorantura kabul etmek we alymlyk derejelerine dalaşgärlige hasaba almak işleri işjeň ýagdaýda alnyp barylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag edaralarynyň köpüsinde ylmyň dürli ugurlary boýunça aspiranturalardyr doktoranturalar hereket edýär.

Hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwürde ýaşlarymyzyň döwrebap hünärleri ele almagyna, nazary bilimlerini kämilleşdirmegine, amaly endiklerini ýokarlandyrmagyna, sanly tehnologiýalary özleşdirmegine, täze ylmy taglymatlary, öňdebaryjy barlaglary we tehnologik tejribeleri öwrenmegine ýardam bermek biziň esasy wezipelerimiziň biridir» diýip belleýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu sözlerinden ugur alyp, düýpli ylymlary ösdürmek, ylmy-tehniki mümkinçiliklerimizi artdyrmak, alymlaryň täze neslini kemala getirmek, ýaşlary ylmy işe çekmek ýaly möhüm wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek esasy wezipeleriň biridir.

**Nurmyrat NURMUHAMMEDOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# NEBITGAZ PUDAGY DÜÝPLI ÖSDÜRILÝÄR

Eziz Watanymyzda milli ykdysadyýetiň esasy ulgamlarynyň biri bolan nebitgaz pudagyny köpugurly ösdürmäge, kämil hünärmenleri taýýarlamaga uly üns berilýär.

Tebigy gazy gaýtadan işläp, dünýä bazarynda isleg bildirilýän önümleri öndürýän döwrebap gazhimiýa toplumlary gurlup, ulanmaga berilýär. Nebit we gaz ýataklarynda döwrüň talaplaryna laýyk gelýän innowasion tehnologiýalara, ylmyň soňky gazananlaryna, sanly çözgütlere esaslanýan işler alnyp barylýar. Milli gazhimiýa we nebiti gaýtadan işleýän pudaklaryň geljegi uly bolan meýilnamalary ekologik düzüm bilen berk baglydyr. Energiýa serişdeleri gazylyp alnanda, önümçilige netijeli gorag serişdeleri ornaşdyrylanda ekologiýa töwekgelçiliklerini azaltmak, döwrebap dolandyryş çözgütlerini ulanmak üçin halkara düzümler bilen hyzmatdaşlyk giňeldilýär.

Şu ýyl ýurdumyzyň nebitgaz pudagynda uly üstünlikler gazanylýar. Muny 5 aýyň dowamynda gazanylan netijeler hem doly subut edýär. Degişli döwürde «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan nebiti çykarmagyň meýilnamasy 109% ýerine ýetirildi.

Bellenilişi ýaly, nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 108%; benzin öndürmegiň meýilnamasy 102,8%; dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasy 101,2%; çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasy 121,1% berjaý edildi. Suwuklandyrylan gazy öndürmekde 102,2% ösüş depgini üpjün edildi. Şeýle hem hasabat döwründe tebigy we ugurdaş gazy çykarmagyň meýilnamasy 102,5% ýerine ýetirildi.

Uglewodorod serişdelerini gaýtadan işlemekde innowasion önümçilikleriň kemala getirilmegi, ýangyç-energetika toplumynyň eksport kuwwatynyň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegi, şeýle hem energiýa serişdelerini ugratmagyň köpugurly turbageçiriji ulgamynyň döredilmegi möhüm wezipe bolup durýar.

Ýurdumyzyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý gaz geçirijisiniň kuwwatlyklaryny tapgyrlaýyn artdyrmak, strategik taýdan möhüm taslama bolan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisini gurmak, energiýa serişdelerini gaýtadan işlemek ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek täze ekologik standartlaryň çäklerinde öňdebaryjy tehnologiýalary paýlaşmak, tebigy gazy we nebiti çykarmak, gaýtadan işlemek üçin ýurdumyza täze enjamlary getirmek maksady bilen, maýadarlary çekmek geljekki işleriň ileri tutulýan ugurlary bolar.

Şunuň bilen baglylykda, tebigata antropogen täsiri azaltmak üçin nebit senagatynyň işiniň ekologik taýdan arassalygyny üpjün etmegiň, uglewodorod ýataklary özleşdirilende iň täze enjamlary we tehnologiýalary ulanmagyň, energiýa çykdajylaryny azaltmagyň we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini, ilkinji nobatda, ýel we Gün energetikasyny



işjeň ösdürmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Kömürturşy gazynyň howa goýberilýän möçberiniň azaldylmagy we tebigy gaza bolan islegiň artmagy halkara jemgyýetçiliginiň howanyň üýtgemegine garşy göreşmäge çuňňur gyzyklanma bildirýän döwründe dünýä energetikasynyň ösüşinde esasy uzak möhletleýin ugurdyr. Häzirki wagtda uglewodorod çig malyny gaýtadan işlemek, gazy arassalamak we suwsuzlandyrmak, täjirçilik maksatly gazy öndürmek, wodorod sulfidinden kükürt almak, ony granulýasiýa etmek we gaplamak üçin häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan gazy gaýtadan işleýän toplumlar gurulýar.

**Ýazmyrat BÄŞIMOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# PSIHOLOGIÝANYŇ ÄHMIÝETI

Ýaş nesil baradaky alada ýurdumyzda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, hünär öwrenmegi, beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagy, ata Watana, il-güne wepaly adamlar bolup ýetişmegi üçin möhüm işler durmuşa geçirilýär. Çünki ýurdumyzyň döwlet syýasaty Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesinden, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygaryndan ugur alýar. Jemgyýetiň ösüş derejesi adam hakynda edilýän alada bilen kesgitlenýär.

Ýurdumyzda jemgyýetimiziň ösmegi, adamlaryň ýaşaýyş-durmuşynyň mundan beýläk hem gowulanmagy üçin giň mümkinçilikler döredilip, möhüm maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Jemgyýetçilik we şahsy tejribeden gelip çykýan durmuşy psihologik maglumatlar ylymdan öňki psihologik maglumatlary döredýär. Olar uly göwrümli bolup, belli bir derejede beýleki adamlaryň özüni alyp barşyna dogry düşünmeklige ýardam edip biler.



Uzak wagtlap pelsepäniň çäginde psihologiýa soraglary göz öňünde tutulypdyr. Diňe XIX asyryň ortalarynda psihologiýa aýratyn ylma öwrüldi. Emma filosofiýadan aýrylyp, onuň bilen ýakyn aragatnaşyk saklamagyny dowam etdirýär. Häzirki wagtda psihologiýa we pelsepe tarapyndan öwrenilýän ylmy meseleler bar. Şeýle meseleler şahsy many, durmuşdaky maksat, dünýägaraýyş, syýasy garaýyşlar, ahlak gymmatlyklary öz içine alýar. Psihologiýa gipotezalary barlamak üçin synag usullaryny ulanýar. Şeýle-de bolsa, synag arkaly çözüp bolmajak soraglar bar. Şeýle ýagdaýlarda psihologlar filosofiýa ýüz tutup bilerler. Filosofiki we psihologik meseleler adam aňynyň düýp manysy we gelip çykyşy, adam pikirlenişiniň has ýokary görnüşleriniň tebigaty, jemgyýetiň adama we adama jemgyýete täsiri ýaly meseleleri öz içine alýar. Umumy psihologiýa nazary we synag psihologik gözlegleri umumylaşdyrýan, psihologik bilimleri birleşdirýän, iň umumy psihologik nagyşlary, psihologiýanyň nazary ýörelgelerini we usullaryny, häzirki düşünjelerinde we taryhy ösüşinde esasy düşünjelerini we kategoriki gurluşyny öwrenýän bölümdir. Umumy psihologiýa ugrundaky gözlegleriň netijesi psihologiýa ylmynyň ähli pudaklarynyň esasyny düzýär. Umumy psihologiýa pelsepe, sosiologiýa, fiziologiýa, informatika, lingwistika, pedagogika we hukuk ýaly beýleki ylymlar üçin uly ähmiýete eýe.

Adamyň aň-düşünjesini, beýnisiniň dürli ýagdaýlarda özüni alyp barşyny öwrenýän psihologiýa gyzykly we doly öwrenilmedik ylym. Psihologiýany iki görnüşe bölmek bolar – esasy we amaly. Esasy psihologiýanyň gözden geçirýän amallary duýgy, üns, ýat, hyýal, pikir we söz. Esasy psihologiýa akyl aýratynlyklaryny we akyl ýagdaýlaryny hem öwrenýär. Amaly psihologiýa, adamyň özüni alyp barşynyň amaly ähmiýetini öwrenýär. Bu ylma has çuňňur göz aýlasaňyz, ýetginjeklik, jemgyýetçilik pikirlenişi we umuman adam bilen ömrüniň dowamynda bolup geçýän ähli psihologik üýtgeşmeler ýaly hadysalary öwrenýändigini görmek bolýar.

**Allamyrat GALANDAROW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# ŞADYÝAN TOMUS WE TERBIÝE TEJRIBELIGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

2024 – 2025-nji okuw ýylynyň tamamlanmagy bilen mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümi başlandy. Ýurdumyzyň ähli künjeginde çagalaryň wagtlaryny manymazmunly, şadyýan geçirmekleri ugrunda ähli tagallalar edilýär. 2025-nji ýylyň 2-nji iýunynda döwletimiz boýunça tomusky dynç alyş möwsümine badalga berildi. Tomusky dynç alyş möwsüminde çagalaryň degresini dag etekläp oturan gözel Gökderede, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda we welaýatlarda ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde mynasyp dynç alyp, saglyklaryny berkitmekleri, wagtlaryny şadyýan we peýdaly geçirmekleri üçin ähli şertler döredildi.

Tomusky dynç alyş möwsüminiň dowamynda Gökderedäki çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri her biriniň dowamlylygy 20 günden ybarat bolan 3 tapgyrda hereket eder, bu merkezlerde bir tapgyrda ýurdumyzyň dürli künjeklerinden 7145 çaganyň dynç alşy guralar. Döwletimiziň welaýatlarynda ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri her biriniň dowamlylygy 20 günden ybarat bolan 3 tapgyrda hereket edip, bu merkezlerde bir tapgyrda ýurdumyzyň dürli künjeklerinden 1500 çaga dynç alar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri her biriniň dowamlylygy 10 günden ybarat bolan 4 tapgyrda hereket edip, bu merkezlerde bir tapgyrda ýurdumyzyň dürli künjeklerinden 1783 çaganyň dynç alşy guralar.

Şunuň bilen bir hatarda mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş döwründe olaryň dynç alyş merkezlerinde wagtlaryny hoş geçirmegine ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary hem özüniň mynasyp goşandyny goşýarlar. Türkmen talyplary çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde bu döwürde terbiýeçilik tejribeliklerini geçýärler. Möwsümiň dowam edýän günlerinde talyplar merkezlerde çagalaryň gatnaşmaklarynda aýdym-sazly dabaralaryň, çeper okaýyşlaryň, sport bäsleşikleriniň guralmagyna kömek edýärler. Şeýle hem, talyplar çagalar bilen bilelikde tebigatyň gözel künjeklerine gezelençler guraýarlar. Mahlasy, tomusky dynç alyş möwsümi talyplarda hem-de mekdep okuwçylarynda ýatda galyjy pursatlara baý bolýar.

Ine, şeýle döwürde Gökdere çagalar sagaldyş dynç alyş merkezinde Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyp ýaşlary hem iş tejribeligini geçýärler. Olar bu ýerde öz nazary bilimlerini amaly ýagdaýda iş ýüzünde durmuşa geçirmek ugrunda tagallalar edýärler.




«Her bir ýurduň bagtyýarlygy, abadançylygy ösüp gelýän ýaş nesil hakdaky aladalardan gözbaş alýar» diýip, sagdyn, zähmetsöýer, watançy nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge, çagalaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmäge aýratyn üns gönükdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Amantäç AGALIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Iň beýik demir ýol köprüsi.** Hindistanda dünýäde iň beýik demir ýol geçelgesi hökmünde ykrar edilen Çinab demir ýol köprüsi ulanmaga berildi. Bu köpri Kaşmir jülgesindäki Çinab derýasynyň üstünden 359 metr belentlikden geçýär. Köpriniň uzynlygy 1,3 kilometre barabar. Taslamanyň umumy bahasy 160 million amerikan dollaryndan geçýär.



**Iň uzakdaky galaktika.** Massaçusets tehnologiýa institutynyň (ABŞ) alymlary iň uzakdaky galaktikanyň tapylandygyny habar berdiler. Täze galaktika «MoM-z14» diýlip atlandyryldy. Barlag «Jeýms Webb» kosmos teleskopynyň maglumatlaryna esaslanyp, «Mirage» atly maksatnamanyň çäginde alnyp baryldy.



**«Akylly» äýnek bilen tanyşdyrdy.** «Google» we «Samsung» kompaniýalary «akylly» äýneginiň prototipini görkezdi. Äýnegiň linzalarynda maglumatlary görkezýän ekran ýerleşdirilip, jaňlar, habarlar we hakyky wagtda tekst terjimesi ýaly funksiýalar bar. Ekranda ugur, öwrüme çenli aralyk we köçäniň ady görkezilýär.



**Näbelli aramgähler tapyldy.** Müsürde ozal näbelli bolan üç aramgäh tapyldy. «Açyş Luksordaky arheologik gazuw-agtaryş işleri geçirilýän wagty edildi» diýip, Müsüriň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrligi habar berdi. Barlagçylar 3500 ýyllyk aramgähiň diwarlaryndaky ýazgylary okadylar we bu ýerde jaýlanan 3 adamyň atlaryny kesgitlediler.



**«Perseverance» täze surat ugratdy.** NASA-nyň Marsdaky «Perseverance» roboty täze surat iberdi. Onda Gyzyl planetanyň üstündäki tüweleýleri görüp bolýar. «Perseverance» Marsda eýýäm 1500 günden bäri işleýär. Bu döwürde ol 36 kilometr aralygy geçdi, dag jynslarynyň 26 nusgasyny ýygnady we seljermek üçin 37 daşy owratdy.



**Günüň aýdyň şekili alyndy.** Astronomlar Ýerden Günüň iň jikme-jik şekillerini almagyň hötdesinden geldiler. Munuň üçin olar ABŞ-daky «Goode Solar» teleskopyndan peýdalandylar. Şeýlelikde, ozal görlüp-eşidilmedik çözgüt gazanylyp, Günüň täjiniň jikme-jiklikleri görkezýän ýokary takyklykdaky suratlar düşürildi.



**Oňyn netijeleri görkezdi.** Hytaýyň Gonkong uniwersitetiniň barlagçylary D3S-001 dermanynyň kliniki synaglarynyň birinji tapgyryny tamamladylar. Derman aşgazanasty mäziň düwnügini bejermek üçin niýetlenendir. «D3Bio» kompaniýasy bilen işlenip taýýarlanýan derman rak keseliniň üç görnüşine garşy göreşmekde oňyn netijeleri görkezdi.



**Demir ýollara Gün panelleri oturdyldy.** Şweýsariýada demir ýoluň 100 metrlik böleginde sökülip-düzülýän Gün panelleri oturdyldy. Relsleriň arasynda umumy kuwwaty 18 kWt bolan 48 fotoelektrik panel bar. Goşmaça ýer tutmaýan panelleriň ýylda 16 MWt arassa elektrik energiýasyny öndürmegine garaşylýar.



**Ýitirilen surat tapyldy.** Beýik Britaniýada iňlis suratkeşi Wilýam Týoneriň 150 ýyl bäri belli bolmadyk suraty tapyldy. Bu barada «Sotheby's» auksion öýi habar berdi. «Güýjeýän harasat» atly eserde Bristoldaky Hot-Wells gyzgyn çeşmesi şekillendirilen. Suratkeş bu eseri 1792-nji ýylda 17 ýaşynda çekipdir.



**Doly elektrikleşdirilen uçar.** Nýu-Ýorkuň Jon F.Kennedi adyndaky halkara howa menziline ilkinji gezek doly elektrikleşdirilen uçar gondy. «Beta Technologies» tarapyndan işlenip düzülen «Alia CX300» uçary dört ýolagça we pilota niýetlenendir. Uçuş 45 minut dowam etdi. Uçar uçuş-gonuş zolagynda adaty uçarlar ýaly hereket edýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**2010-njy ýylyň 13-nji iýunynda Ýaponiýanyň «Hayabusa» kosmik gämisi 2005-nji ýylda Itokawa asteroidinden alnan topragy getirdi. «Hayabusa» enjamy asteroidleri öwrenmek üçin döredildi we Ýaponiýanyň aerokosmos barlaglar guramasy (JAXA) tarapyndan işlenip düzüldi. Nusgalaryň getirilmegi alymlara bu asteroidiň düzümini we gurluşyny öwrenmäge mümkinçilik berýän möhüm ylmy üstünlik boldy.**



# Ýewropa Bileleşigi umman şertnamasyny hödürledi

Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen Fransiýanyň Nissa şäherinde geçirilýän BMG-niň Ummanlar boýunça maslahatynda Ýewropanyň kenarlaryny we «deňizdäki we onuň töweregindäki durmuşy» goramaga gönükdirilen täze umman şertnamasyny hödürledi.

– Ýewropa Bileleşiginiň maksady 2030-njy ýyla çenli Ýewropanyň deňiz ekoulgamlarynyň 20 göterimini gaýtadan dikeltmekden ybarat. Biz 5 ýylyň içinde plastik galyndylary we howply maddalary azaltmagy maksat edinýäris. Biz jandarlaryň ýaşaýan ýerleriniň tebigy gurşawyny dikelderis we kenarýakalarymyzy howanyň üýtgemeginiň täsirlerinden has netijeli gorarys – diýip, Ursula fon der Lýaýen belledi.

Ýewropa Komissiýasy bu şertnamany 5-nji iýunda kabul etdi. Bu strategiýa agza döwletleri goldamak we deňiz bilen baglanyşykly Ýewropa kanunlarynyň birnäçesini gözden geçirmek arkaly ummanlary goramagy we dikeltmegi güýçlendirmegi maksat edinýär. Şeýle hem




Ýewropa Bileleşiginiň ýerine ýetiriji häkimiýeti bu pudak üçin täze strategiýany we Ýewropa Bileleşiginiň portlary üçin strategiýany işläp düzmek bilen deňiz pudagynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak isleýär.

– Biziň balykçylarymyz islendik şertlerde-de gije-gündiz ýadawsyz işleýärler. Şol bir wagtyň özünde adatdan daşary howa şertleri we dürli bäsdeşlikler olaryň köpüsini bu biznesden gysyp çykarýar – diýip, Ýewropa komissiýasynyň başlygy kiçi balykçylyga goldaw bermek boýunça grantlary yglan etdi. Fon der Lýaýen alymlar we tebigaty goramak boýunça hünärmenler üçin dünýäniň 50 taslamasyna 1 milliard ýewro bölünip beriljekdigini aýtdy. Bu puluň üçden bir bölegi ylmy barlaglary maliýeleşdirmeli.

– Bu şertnama 2027-nji ýyla çenli anyk kanunlaryň kabul edilmegine sebäp bolmaly diýip, fon der Lýaýen aýtdy.

Nýu-Ýorkda 8 ýyl öň ilkinji maslahat guralandan soň, Fransiýa 9-13-nji iýun aralygynda Nissa şäherinde BMG-niň ummanlar boýunça üçünji maslahatyny geçirýär. Takmynan, 60 ýurtdan gatnaşyjylar umman giňişligini goramak we dikeltmek maksady bilen bir ýere jemlendiler. BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça konferensiýasyndan ýa-da COP-dan tapawutlylykda, bu maslahatda resmi şertnama ýok.

Fransiýa 60 ýurt tarapyndan güýje girmegi üçin tassyklanmaly açyk deňiz şertnamasy üçin mümkin boldugyça köp gol ýygnamaga umyt baglaýar. Şertnamanyň maksady halkara suwlarynda goralýan deňiz sebitlerini döretmekden ybarat.

– Häzirki wagtda tassyklamak üçin zerur bolan 60-a golaý gol ýygnadyk – diýip, fon der Lýaýen has ösen ýurtlarda ummanlaryň goralmagyny güýçlendirmegi maksat edinýän «Global umman» maksatnamasy üçin 40 million ýewro bölünip beriljekdigini mälim etdi.

# Parlament saýlawlary geçiriler

Şu ýylyň 29-njy oktýabrynda Niderlandlarda möhletinden öň parlament saýlawlary geçiriler. Bu barada Patyşalygyň içeri işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Ýudit Autermark habar berdi.

– Saýlaw geňeşi bu senäni kesgitläninde köp ýagdaýlary göz öňünde tutdy – diýip, Autermark aýtdy.

Niderland häkimlikleri birleşiginiň maglumatlaryna görä, saýlawlary guramak we geçirmek, takmynan, 105 million ýewro deň bolar.

3-nji iýunda Erkinlik partiýasynyň lideri Gert Wilders Niderlandlaryň migrasiýa syýasatyny güýçlendirmek üçin hödürlän meýilnamasyna goldawyň bolmandygy sebäpli dolandyryjy bileleşikden çekiljekdigini habar berdi. Soňra Premýer-ministr Dik Shof hem işinden çekilýändigini habar berdi. Şeýlelikde, Dik Shofuň hökümeti bir ýyldanam az dowam etdi. 2023-nji ýylyň noýabr aýynda geçirilen ählumumy saýlawlarda Gert Wildersiň Erkinlik partiýasy Wekiller palatasyndaky 150 ornuň 37-sine eýe bolup, ilkinji gezek Niderlandlaryň parlamentinde iň uly partiýa boldy. Dört partiýadan ybarat koalisiýa hökümeti 2024-nji ýylyň 2-nji iýulynda resmi taýdan döredildi.



Niderlandlaryň Koroly Willem-Aleksandr Erkinlik partiýasynyň ministrleriniň işinden çekilmegini kabul etdi, ýöne Premýer-ministrden we beýleki ministrlerden täze hökümet gurulýança işlemeklerini haýyş etdi.

# ECOSOC-yň agzalygyna saýlandy

18 ýurt, şol sanda, Türkmenistan üç ýyllyk möhlet bilen BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň (ECOSOC) agzalygyna saýlandy. Bu geňeş Birleşen Milletler Guramasynyň esasy düzümleriniň biri bolup, ykdysady, durmuş ulgamlarynda, saglygy goraýyş, bilim pudaklarynda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen guramalarynyň hem-de düzümleriniň işini utgaşdyrýar.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy Filemon Ýang ses berişlikden soň netijeleri yglan etdi.

ECOSOC-yň agzalary 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap üç ýyllyk möhlete saýlandy. Geňeşiň düzümine Afrikadan Burundi, Çad, Mozambik, Sierra-Leone, Aziýa we Ýuwaş ummany sebitinden Türkmenistan, Hytaý, Hindistan, Liwan, Gündogar Ýewropadan Horwatiýa, Russiýa, Ukraina, Latyn Amerikasyndan we Karib deňzinden Ekwador, Peru, Sent-Kits we Newis, Günbatar Ýewropadan we beýleki sebitlerden Finlýandiýa, Norwegiýa, Türkiýe we Awstraliýa girýär.

ECOSOC 54 döwletden düzülip, olar Baş Assambleýa tarapyndan üç ýyl möhlete saýlanýar. Her ýyl ygtyýarlyklary dolan döwletleri 1-nji ýanwardan başlap çalyşmak maksady bilen sebitleýin toparlardan 18 ýurt saýlanýar.

ECOSOC Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasy bilen 1946-njy ýylda döredildi. Ol 11 sany gaznanyň we BMG-niň




maksatnamalarynyň hasabatlaryna esaslanmak bilen BMG-niň ulgamy, agza ýurtlary üçin halkara ykdysady we durmuş meselelerine garamak hem-de syýasata degişlilikde görkezmeleri taýýarlamak boýunça merkezi forum bolup durýar.

# ERMENISTAN SAÝLAWLARA BARÝAR

Ermenistanda möhletinden öňki parlament saýlawlary 2026-njy ýylyň 7-nji iýunynda geçiriler. Bu barada respublikanyň parlamentiniň başlygy Alen Simonýan habar berdi.

Simonýan öz jemgyýetçilik torundaky akkauntynda «Şu gün 7-nji iýun. Ermenistan Respublikasynyň Milli mejlisine nobatdan daşary saýlawlar göni bir ýyldan soň 2026-njy ýylyň 7-nji iýunynda geçiriler» diýip ýazdy.

Ermenistan parlament Respublikasy bolup, kanun çykaryjy edara ýurduň Premýer-ministrini saýlaýar. Ermenistanda soňky parlament saýlawlary 2021-nji ýylda geçirildi.




# DÜNÝÄNIŇ IŇ BAÝ ZENANLARY

«Forbes» žurnaly dünýäniň iň baý zenanlarynyň ýyllyk sanawyny hödürledi. Sanawyň başyny «ABC Supply» gurluşyk kompaniýasynyň eýesi işewür Diana Hendriks çekdi. Onuň baýlygy 22,3 milliard amerikan dollary diýlip hasaplanýar. Işewürligiň taryhynda iň şowly zenanlaryň biri hasaplanýan 78 ýaşly Hendriks birnäçe ýyl bäri öňdäki orny saklap gelýär. Ol adamsy Ken Hendriks aradan çykandan soň, «ABC Supply» kompaniýasyna ýolbaşçylyk etdi. Olar bu kompaniýany 1982-nji ýylda bilelikde esaslandyrypdy.

Ikinji orny «Epic Systems Corporation» kompaniýasynyň esaslandyryjysy we baş direktory 81 ýaşly Judi Folkner eýeledi. «Epic Systems Corporation» Wiskonsin ştatynyň Werona şäherinde ýerleşýän hususy eýeçilikdäki saglygy goraýyş ulgamy üçin programma üpjünçiligini işläp düzýän kompaniýadyr. Onuň baýlygy 7,8 milliard amerikan dollaryna barabar. Üçlügi 6,9 milliard amerikan dollar baýlygy bilen «Little Caesars Pizza» restoranlar ulgamynyň 92 ýaşly eýesi Marian Iliç jemleýär.

Ilkinji ýigrimilige şou-biznes ýyldyzlary hem girdi – telealypbaryjy Opra Winfri (3,1 milliard amerikan dollar), işewür we model Kim Kardaşýan (1,7 milliard amerikan dollar). Aýdymçy Teýlor Swift 1,6 milliard amerikan dollar baýlygy



bilen 21-nji orny eýeleýär.

Sanawda Rianna, Madonna, Beýons, Selena Gomes, Kaýli Jenner, Selin Dion we Keti Perri hem bar. Tennis ýyldyzy Serena Williams 350 million amerikan dollar baýlygy bilen sanawa goşuldy.

# Afrika ýurtlaryna bagyş eder

Dünýä belli işewür, «Microsoft» korporasiýasynyň esaslandyryjysy Bill Geýts baýlygynyň ep-esli bölegini Afrikadaky kynçylyklary çözmäge gönükdirjekdigini habar berdi. «Forbes» neşiri milliarderiň baýlygyny 116,5 milliard amerikan dollaryna deň diýip hasaplaýar. Ol dünýäniň iň baý adamlarynyň sanawynda 13-nji orny eýeleýär.

– Men geljek 20 ýylda ähli baýlygymy paýlamakçy. Bu serişdeleriň uly bölegi bolsa, Afrikadaky kynçylyklary çözmäge gönükdiriler – diýip, Geýts Afrika birleşiginde eden çykyşynda aýtdy.

Bill Geýtsiň haýyr-sahawat gaznasynyň beýanatyna görä, onuň býujeti geljek 20 ýylda 200 milliard amerikan dollaryna deň bolar. Bu döwürden soň gurama öz işini tamamlar. Geýtsiň gaznasy Afrikada eýýäm uzak ýyllardan bäri işleýär. Onuň Efiopiýada, Günorta Afrika Respublikasynda, Keniýada, Nigeriýada we Senegalda wekilhanalary bar.

Bill Geýts Afrika ýurtlarynyň, bilim we saglygy goraýyş ulgamyny ösdürse, uly



ösüşleri gazanyp biljekdigini belledi. Ol ilkinji lukmançylyk kömeginiň hem-de zenanlaryň we çagalaryň durmuş şertlerini gowulandyrmagyň zerurdygyny aýtdy.

# Suwüsti şäherçe peýda bolar

Niderlandlaryň Rotterdam şäherindäki gämi abatlamak üçin niýetlenen irki port desgalarynyň birinde Ýewropada iň uly suwüsti ýaşaýyşly etrap peýda bolar. «Spoorweghaven» atly taslama Daniýanyň MAST binagärlik studiýasy we «BIK bouw» gurluşyk kompaniýasy tarapyndan işlenip taýýarlandy. Suwda ýerleşjek şäherçede 100-e golaý ýaşaýyş jaýy, jemgyýetçilik ýerleri, baglar we eýwanlar bolar.

Taslamany işläp düzenleriň aýtmagyna görä, agaçdan guruljak köp gatly jaýlar ýüzýän platformalaryň üstünde oturdylar. Desgalar ilki aýratyn gurlar, soňra portdaky ýerleşjek ýerine äkidilip, ygtybarly berkidiler. Zerur bolan ýagdaýynda, toplumy başga bir ýere süýşürip bolar.

Täze etrap welosiped ýodalary we köprüler arkaly şähere birleşdiriler. Taslamada binalaryň diňe Gün panelleri bilen enjamlaşdyryljakdygy belli bolup, bu ýagdaý şäheriň elektrik ulgamyna düşýän agramy azaldar. Şeýle-de, suwy arassalamak üçin gamyş jeňňelligini döretmek meýilleşdirilýär. Munuň bilen Şotlandiýanyň «Biomatrix» kompaniýasynyň



inžener-ekologlary meşgullanýar.

Ýüzýän şäherçe gurluşyk üçin ýerleriň ýetmezçiligini azaldar. Şeýle taslamalar Demirgazyk Ýewropanyň beýleki şäherlerinde, mysal üçin, Kopengagende köp wagtdan bäri durmuşa geçirilýär.



# Çölde şäher gurlar

Müsüriň häkimiýetleri çölde Jirian atly täze şäher gurmak boýunça meýilnamasyny mälim etdi. Agzalan şäher Kairden 42 kilometr günbatarda, 6,8 million inedördül metr meýdanda ýaýbaňlandyrylar.

Jirian meýdany 9 müň 226 inedördül kilometrden gowrak has uly «Täze delta» oba hojalyk taslamasynyň bir bölegidir. Bu zolagy suwarmak üçin her gün Nil derýasyndan, takmynan, 10 million kub metr suw alnar. Bu ýurduň ýyllyk suw kwotasynyň, takmynan, 7 göterimini emele getirýär. Taslamada aýna fasadly kaşaň jaýlaryň, şeýle-de täjirçilik zolaklaryň, gämi duralgasynyň we erkin ykdysady zolagyň gurluşygy göz öňünde tutulýar.

Premýer-ministr Mustafa Madbuli taslamanyň maýa goýum babatda özüne çekijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen şäherde innowasiýa çemeleşmeleriniň ulanyljakdygyny aýtdy. Häkimiýetler Jirianyň häzirki zaman şäher ösüşiniň nusgasy boljakdygyny we ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekjekdigini belleýärler.

# SUNGAT MUŞDAKLARY ÜÇIN IŇ GOWY ŞÄHER

Pariž 2025-nji ýylda medeniýet we sungat söýüjiler üçin dünýäniň iň gowy şäheri diýlip ykrar edildi. Beýik Britaniýanyň «Time Out» žurnaly dünýäniň dürli şäherleriniň 20 müňe golaý ýaşaýjysy bilen pikir soralyşyk geçirdi. Pikir soralanlardan hil we elýeterlilik babatda öz şäherleriniň medeni ýagdaýyna baha bermek soraldy. Sanawa öz ýurtlarynda iň ýokary bahalary alan şäherler girdi. Ondan soň «Time Out»-yň halkara ýazyjylary özleriniň halaýan şäherlerine ses berdiler.

Sanawa dünýäniň medeniýet babatda ösen iň öňdebaryjy 20 şäheri girdi. Mahlasy, bu şäherlerde medeniýet diňe bir muzeýdir teatrlar bilen çäklenmän, eýsem, köçe şüweleňleri, gijeki gezelençler, jemgyýetçilik galereýalary we döredijiligiň täze görnüşleri medeni durmuşyň aýrylmaz bölegi hasaplanýar.



Fransiýanyň paýtagty sanawda öňdäki orny eýeledi. Ýerli ýaşaýjylaryň 96 göterimi şäheriň medeni durmuşyna «gowy» ýa-da «has gowy» diýip baha berdiler. Şeýle-de Pariž «Time Out» žurnalynyň bilermenlerinden has köp ses aldy. Şäherde Tokio köşgi, Luwr, Orse we Fransua Pino muzeýi ýaly meşhur muzeýler bar. Mundan başga-da, ýerli ýaşaýjylar «Fête de la Musique» baýramçylygy we «La-Willet» seýilgähinde guralýan «Cinema en Plein Air» tomusky şüweleňi ýaly möwsümleýin medeni wakalara ýokary baha berdiler.

Şu ýylyň sanawynda iň gowy 20 şäheriň ilkinji bäşligine Pariž (Fransiýa), Florensiýa (Italiýa), Edinburg (Şotlandiýa), Mehiko (Meksika) we Sidneý (Awstraliýa) girdi.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Tomusda iň köp gezelenç edilýän şäher

Tomus paslynyň gelmegi bilen syýahatçylaryň sany has-da köpelýär. Adamlaryň aglaba bölegi deňiz kenarlaryna dynç almaga gidýän bolsa, köpler salkyn şäherlere, obalara gezelenje gidýär. Soňky ýyllarda Aziýa yklymynda ýerleşýän şäherlerdir deňiz kenarlary hem jahankeşdelerde uly gyzyklanma döredýär. Bu ugurda Bangkok, Kuala-Lumpur, Dubaý, Gonkong ýaly şäherler we Singapur, Tailand, Mýanma, Indoneziýa, Filippinler ýaly ada ýurtlary öňdeligi eýeleýär. 2024-2025-nji ýyllaryň syýahatçylyk hasabatyna görä, Aziýa yklymynda syýahatçylaryň sany boýunça Tokio öňdeligi eýeleýär. Tomus paslynda iň köp syýahat edilýän bu şäher Şanhaý, Seul, Pekin we Singapur ýaly şäherlerden öňe saýlanýar.





XVII asyrdan ozal Edo ady bilen tanalan Tokio ilkibaşda balykçylyk şäherçesi bolupdyr. Tokio 1869-njy ýylda resmi taýdan Ýaponiýanyň paýtagty diýlip ykrar edilenden soň gülläp ösüp başlaýar. Ýurduň iň köp ilatly şäheri bolan Tokioda 14 milliondan gowrak adam ýaşaýar. 2 müň 194 inedördül kilometr meýdany tutýan bu şäher ykdysady taýdan ösen gurluşa eýe bolup, metal işläp bejermekde, himiýa senagatynda, tehniki enjamlary öndürmekde we nebiti gaýtadan işlemekde öňdäki orny eýeleýär. Elektronika senagaty taýdan ösen şäherleriň biri bolan Tokio «neon ýşyklaryň şäheri» ady bilen hem tanalýar.

Çygly we salkyn howaly bu şäher subtropik howa guşaklygynda ýerleşýär. Tokioda tomsuna howa 20-23 derejede saklanýar. Şäherde iň yssy aý awgust aýy bolup, howanyň temperaturasy 27 derejä ýetýär. Tokio her ýyl 30 milliondan gowrak myhman barýar. Futuristik şäherde syýahatçylar we myhmanlar üçin dürli dynç alyşlar hem-de gyzykly güýmenjeler hödürlenýär. Tokionyň iň owadan ýerleriniň sanawynda «Tokio Skytree» ýaýlym we gözegçilik diňi öňdeligi eýeleýär. Ýaponiýanyň iň beýik gurluşy bolan bu binanyň beýikligi 634 metre ýetýär.

Tokionyň köçelerinde gezelenç edip ýöräp barşyňa ýol ugry moda dükanlaryna, söwda merkezlerine, kitaphanalara gözüň düşýär. Ueno seýilgähi şäheriň iň meşhur ýeri bolup, bu ýerde ýapon sungatyna ýöriteleşdirilen ýurduň iň uly muzeýi bolan Tokio milli muzeýi ýerleşýär. Mundan başga-da, seýilgähdäki Günbatar sungat milli muzeýi, Milli tebigat we ylym muzeýi, Ueno haýwanat bagy, Şinobazu howzy şäheriň iň köp gelim-gidimli ýerleri hasaplanýar. Tokio Şinagawa akwariumy, Tokio deňiz durmuş seýilgähi, Güneş akwariumy we Sumida akwariumy ýaly äpet akwariumlary bilen hem meşhurdyr. Sumida derýasynyň kenarynda ýerleşýän bu şäheri gaýykly ýa-da gämili gezelenç edip, ýapon medeniýetine degişli gözellikleri, şäher tebigatyny ýakyndan synlap bolýar. Beýikligi 333 metre ýetýän Tokiodaky Eýfel diňiniň öýkünme nusgasy şäheriň iň owadan binalarynyň biri hasaplanýar.

Şäherde deňiz kenarynda dynç almagy halaýan myhmanlar üçin Kasai kenarýaka çäreleri guralýar. Köp sanly muzeýiň, sungat galereýasynyň we kitaphanalaryň jemlenen ýeri bolan bu şäherde halkara forumlar, sport ýaryşlary we estrada aýdymçylarynyň konsertleri hem guralýar. Tokioda elektron sport oýunlary iň meşhur güýmenje hasaplanýar.

# Uzak ýola çykylanda üns bermeli zatlar

**Syýahatçylyk ýa-da dynç almak maksady bilen uzak ýola çykmak hemişe şowly bolmaýar. Käte ýolda käbir säwlikler bilen ýüzbe-ýüz bolnup, içgysgynç ýagdaýlar we ýadawlyk alamatlary ýüze çykyp bilýär. Esasan hem, maşgala agzalaryň bilen awtoulagly uzak ýola gezelenje çykylanda syýahatyň şowly we täsirli tamamlanmagy üçin käbir zatlara üns bermeli.**



**Meýilnama düzmek.** Ýola çykmazdan ozal dynç almaga barýan ýeriň bilen ýakyndan tanyşmaly. Şol ýeriň howasy, ýatakhana şertleri we tagamlary bilen gyzyklanmaly. Bu şol ýere dynç almaga baranyňyzda özüňizi arkaýyn duýmagyňyza we medeniýetli dynç almagyňyza ýardam eder.

**Ulagy gözden geçirmek.** Ýola çykmazdan ozal ulagy awtoulag ussalarynyň gözegçiliginden geçirmeli. Ownuk-uşak ýerlerine çenli bejerdip, zerur bolan ätiýaçlyk şaýlary alyp, soňra ýola çykmaly.

**Ukyňy almak.** Ukusyz ýola gitmek sürüji üçin hem, ýolagçylar üçin hem oňaýly bolup bilmez. Ýol ýadawlygy has uzaga çekip, bir hepdä täsirini ýetirip biler. Şol sebäpli uzak ýola syýahata gitmezden ozal ukyňy kadaly almaly we ünsüňi bir ýere jemlemäge çalyşmaly.

**Resminamalaryňy ýanyň bilen almak.** Käte gyssanylyp ýola çykylanda resminamalaryň ýatdan çykýan halatlary bolýar. Şol sebäpli syýahata ugramazdan ozal, egin-eşikleriňi taýýarlaýan wagtyň resminamalaryňy hem torbaňa salmaly.

**Ätiýaç suw almak.** Ýola çykýan adamyň ýanynda hökmany ýagdaýda suw bolmaly. Ýolda gidip barýarkaň suw içmek ünsüňi jemlemäge, özüňi dürsemäge ýardam edýär. Şeýle hem, tolgunmalary azaltmaga, ýitirilýän suwuklygyň öwezini dolmaga mümkinçilik berýär.

**Sagdyn iýmitlenmek.** Ýola barýan adamlaryň köpüsi ýany bilen gaplanan önümleri, gazlandyrylan içimlikleri alýarlar. Birnäçe sagatlap awtoulagda oturyp, taýýar iýmitleri iýmek gandaky şekeriň derejesini ýokarlandyryp, käbir nähoşluklara sebäp bolup bilýär. Şol sebäpli agyr we ýagly iýmitleriň ýerine miwedir ter gök önümleri iýmek syýahatyň şowly başlanmagyna ýardam edýär.

**Belli aralykda dynç almak.** Uzak ýola gidip barýan syýahatçylaryň belli bir aralyklarda 5 minutlyk saklanyp, eýläk-beýläk ýöremegi, biraz dynç almagy möhümdir. Çünki uzak wagtlap awtoulagda hereketsiz oturmak gan aýlanyşyna we beden agzalarynyň kadaly işlemegine oňaýsyz täsirini ýetirýär.

**Ätiýaç pul almak.** Ýolda garaşylmadyk wakalar we goşmaça çykdajylar bolup biler. Şol sebäpli ýanyň bilen ätiýaç pul almagy ýatdan çykarmaly däl.

**Derman gutusyny ýatdan çykarmazlyk.** Uzak ýola çykylanda ýürek bulanma, başaýlanma ýaly alamatlar ýüze çykyp bilýär. Şol sebäpli ilkinji kömegi bermek üçin derman gutusyny ýanyň bilen almagy ýatdan çykarmaly däl.

# Daşdan görseň, ýaldyr-ýuldur, ýanyna barsam, gulply kendir

Garpyz saglyk üçin peýdaly bakja önümleriniň biri bolup, esasy aýratynlygy bedeni arassalamakdyr. Garpyzyň 90 göterimden gowragy suwdan ybarat bolup, agramy boýunça 6% şeker saklanýar. Bu bakja önümi A, B, C witamininiň we foliý turşusynyň çeşmesini özünde jemleýär. Garpyz diňe bir immuniteti berkitmäge ýardam etmän, eýsem, nerw ulgamynyň kadaly işlemegini, täze gan öýjükleriniň döremegini üpjün edýär. Bulardan başga-da, garpyzdaky demir, kaliý, natriý, fosfor, magniý ýaly maddalar bedendäki artykmaç duzlary aýyrmakda, iýmit siňdirişi ýeňilleşdirmekde, ýürek-damar ulgamyny işjeňleşdirmekde peýdalydyr. Garpyzyň bagyr we peşew ýollaryny arassalaýandygy hemmämize mälimdir. Garpyz tomus paslynyň yssy günlerinde suwsuzlygy gandyrmakda hem ähmiýetlidir. Bu bakja önüminden terligine iýilmek bilen bir hatarda, süýjülik desertleri, dürli içimlikler we şerbetler taýýarlanylýar. Käbir ýerde garpyzdan buglanan we duzlanan tagamlar hem bişirilýär.



Köpimiz garpyzy gyzyl etli, gabygy ýaşyl zolakly togalak görnüşde göz öňüne getirýäris. Emma dünýäde bu bakja önüminiň gabygynyň we etiniň reňki bilen tapawutlanýan dürli görnüşi bar. Mysal üçin, garpyzyň gabygy ak, gara, açyk ýaşyl, goýy ýaşyl, ýaşyl zolakly, gara zolakly, eti bolsa gyzyl, gülgüne, ak ýa-da sary görnüşleri bar.

**GARPYZ BARADA**

Gök bakja önümleriniň biri bolan garpyzyň dünýäde 200-300 töweregi görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Garpyzyň ata Watany Günorta Afrika hasaplanýar. Ondan soňra bu bakja önüminiň çigidi Müsüre ýaýrapdyr. X asyrda garpyz hytaýlylara mälim bolýar. Şeýlelikde, Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen bu bakja önümi tutuş Ýer ýüzüne ýaýraýar. Ýewropa ýurtlarynda garpyz XII-XVII asyrlarda peýda bolýar. XVI asyrda bu bakja önümi ilkinji gezek Amerika getirilýär. Häzirki wagtda tutuş dünýäde diýen ýaly garpyz ösdürilip ýetişdirilýär. Garpyzy iň esasy öndürijiler Hytaý, Türkiýe, Eýran, Müsür, Amerika ýurtlary we Özbegistan hasaplanýar. Ýaponiýada garpyzyň iň täsin görnüşleri – dörtburç, piramida görnüşli, sary etli garpyzlar ösdürilip ýetişdirilýär. Ortaýer deňziniň kenarynda ýetişdirilýän garpyzlar dünýäniň iň süýji garpyzlary hasaplanýar. Dünýäde garpyzyň gündelik sarp edilişi boýunça Amerika yklymy birinji orunda durýar.

## ÇAGALAR

Garpiýa bürgüdiniň agramy 13-20 kilograma, boýy 85-107 santimetre, ganatynyň giňligi 175-225 santimetre çenli ýetýär.

# Tropik tokaýyň täsin jandarlary

**Amazon tokaýlary diňe bir gür sümme agaçlary we syrly derýalary bilen däl, eýsem, täsin jandarlary bilen hem görenleri haýran galdyrýar. Daşky görnüşi, reňki we özüni alyp barşy bilen beýleki jandarlara meňzemeýän Amazon tokaýynyň «ýerli ýaşaýjylary» baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**ZÄHERLI MAWY GURBAGA.** Kiçijikdigine garamazdan bu gurbaga örän howply hasaplanýar. «Gök gurbaga» hem diýilýän bu süýreniji beýleki jandarlardan we daşky howplardan goranmak üçin derisinden toksin bölüp çykarýar. Bu gurbaganyň agramy 8 grama, uzynlygy 3-4,5 santimetre ýetýär. Tokaýyň çygly ýerlerinde we batgalyklarda ýaşaýan owadan gurbagalar gündizine işjeň bolýarlar. Zäherli mawy gurbagalar miwe galyndylary, ownuk mör-möjekler we garynjalar bilen iýmitlenýärler.



**PAÝARA.** Köpçüligiň arasynda «wagşy balyk» ady bilen tanalýan paýara uzyn we ýiti dişleri bilen ünsi özüne çekýär. Amazonkadaky çalt akýan süýji suwlarda ýaşaýan wagşy balyk tokaýyň ökde awçysy hasaplanýar. Adatça bu balygyň uzynlygy 89-100 santimetre, agramy 8,5-18 kilograma çenli ýetýär. Wagşy balygyň 2 sany gaňyrçak şekilli ýiti dişi awuny aňsatlyk bilen tutmagyna ýardam edýär.



**TUKAN.** Banana meňzeş uzyn çüňki bolan bu guşlar Amazon tokaýlarynyň nyşany hasaplanýar. Adatça miwe bilen iýmitlenýän tukanlar topar bolup agaçda ýaşaýarlar. Boýy 39-63 santimetre, çüňküniň uzynlygy 15-17 santimetre ýetýän bu guşlaryň kelteden güýçli aýagy, gysga hem-de ýogyn boýny bar. Örän gysga aralyga uçup bilýän tukanlaryň ganaty kiçijik bolup, guýrugy gysga bolýar.



**AÝNA GURBAGA.** Daşyndan seredeniňde içki beden agzalary görnüp duran bu gurbaga «aýna gurbaga» ady bilen tanalýar. Gijesine awa çykýan bu gurbagalar ýumurtgalaryny ýapraklaryň aşagynda gizläp goýýarlar. Gündizine göze görünmeýän bu gurbagalar agaçlarda ýaşaýarlar. Ýaşylymtyl reňkli aýna gurbagasy ýapragyň üstünde ýatanda onuň bardygyny saýgaryp hem bolmaýar.



**AMAZON DELFINI.** Gülgün reňki bilen tapawutlanýan Amazon delfini süýji suwda ýaşaýan täsin jandarlaryň biridir. Hereketleri we sesi bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýän bu jandarlar ilkibaşda çalymtyl bolup, ýaşy ulaldygyça derisi gülgün reňke öwrülýär. Gülgün delfinler, esasan, balyklar bilen iýmitlenýärler.



**GARPIÝA BÜRGÜDI.** Amazon tokaýlarynyň iň howply guşlarynyň biri bolan garpiýa bürgüdi ugurtapyjylygy bilen tapawutlanýar. Bürgüdiň äpet bu görnüşi ýylandyr ownuk süýdemdirijilerden başlap, hatda maýmynlara çenli awlap bilýär. Garpiýa bürgüdiniň agramy 13-20 kilograma, boýy 85-107 santimetre, ganatynyň giňligi 175-225 santimetre çenli ýetýär. Çalt uçýan bu guşlar bürgüdiň seýrek duş gelýän görnüşi hasaplanýar.



**ÝAPRAK GARYNJASY.** Kiçijik, ýöne işeňňir bu garynjalar agaçlaryň ýapraklaryny kesip, hinine daşaýarlar. Uly topar bolup ýaşaýan gyzylymtyl-sary reňkli bu garynjalar kömelek ösdürip ýetişdirmek üçin ýapraklary ulanýarlar. Bu garynjalaryň hininiň çuňlugy 30 metre, giňligi 80 metre çenli ýaýrap bilýär.



**MATA-MATA PYŞBAGASY.** Bu jandaryň hem edil gury ýer pyşbagasyna meňzeş çanaklygy bar. Uzyn boýunly we ýylana meňzeş kellesi bolan bu süýreniji daşyndan göräýmäge guran ýapraga meňzeýär. Mata-mata pyşbagasy suwuň ýüzünde ýapraga meňzäp ýatýar we golaýyna gelen ownuk balyklary awlaýar. Mata-mata dünýädäki iň owadan we täsin pyşbagalaryň biridir. Ulylygy 45 santimetre, agramy 17 kilograma çenli ýetýän bu pyşbaga 40-75 ýyla çenli ýaşaýar.



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**7 tapawudy tapyň!**





**Origami**




**Gyzykly pursat**





# SURATA DÜŞMEGI HALAÝAŇYZMY?!

Şekilleri surata düşürýän hem-de ýazga alýan enjamyň taryhy irki döwürlerden gözbaş alýar. 1685-nji ýylda nemes ýazyjysy Ýohannes Zahn «Handflex refleks» atly elde göterilýän kameranyň taslamasyny işläp düzýär. Ýöne bu enjam şowly netije bermeýär. 1816-njy ýylda fransuz oýlap tapyjysy Nisefor Nýeps bu enjamyň meňzeşini oýlap tapýar. Bu enjam ilkinji fotoapparat hasaplanýar. Nýeps 1826-njy ýylda oýlap tapan enjamy arkaly kümüş hlorid bilen örtülen kagyzyň ýüzünde suratly şekili döredýär. Bu ilkinji düşürilen surat hasaplanýar. 1829-njy ýylda Nýepsiň watandaşy Lui Dager surata düşürmegiň täze usulyny oýlap tapýar. Beýleki fotokameraçylar Dageriň oýlap tapan usulyndan XIX asyryň ortalaryna çenli peýdalanýarlar. Suratlaryň şekiliniň çalt ýitmegi Dageriň oýlap tapan enjamynyň esasy kemçiligi bolup, ony amerikaly oýlap tapyjy Simon Wolkott düzedýär. Ol ilkinji aýna kamerany işläp düzýär. 1871-nji ýylda Riçard Leç Maddoks XX asyryň Polaroid kameralarynyň başlangyjy bolan gury plastinkasyny oýlap tapýar.

1888-nji ýylda amerikaly telekeçi Jorj Istman «Kodak» ady bilen analog fotoapparatlaryň satuwyna başlaýar. Şondan soňra Roçester şäherinde rulonly fotokameralaryň önümçiligi ýola goýulýar. 1905-1913-nji ýyllar aralygynda fotokamera öndürýän kompaniýalar ulanyjylara aýrylypdakylýan 35 mm obýektiwi hödürleýärler. Nemes oýlap tapyjysy Oskar Barnak «Leitz» korporasiýasy üçin «Leica» atly obýektiwi oýlap tapmagy bilen tanalýar. 1920-nji ýylda nemes kompaniýasy «Franke & Heidecke»-niň hünärmenleri iki linzaly refleks fotoapparatlary öndürip başlaýarlar.

1999-njy ýylda ilkinji sanly (DSLR) fotokamera peýda bolýar. Sanly fotoapparat düşürilen suratlary takyk görmäge, surata gowy düşürmäge mümkinçilik berýär. 2004-nji ýylda «Epson» refleksli aýnasyz fotokamerany çykardy. Munda ýagtylyk obýektiwden göni sanly sensora geçýär, soňra LCD ekranda şekil görkezilýär hem-de sazlamalary üýtgedip bolýar.

Birnäçe ýyl ozal surata we wideo düşürmek maksady bilen ulanylan fotoenjamlar seýrek bolan hem bolsa, häzirki wagtda tehnologiýanyň ösmegi bilen el telefonlary arkaly ýokary durulykda surata düşürmek hemmeler üçin elýeterli boldy.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.



36-njy KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Ýoldaş, medetkär. **2.** Oňurga süňki bilen döşi birleşdirýän ýaý şekilli süňkler. **3.** Ýagyşdan we Gün şöhlesinden goranmak üçin enjam. **4.** Ynanç, pikir. **5.** Öküze, ata goşulyp ýer sürülýän gadymy gural. **6.** Ýeňil (garşydaş söz). **7.** Iki zadyň ortalygy, ikara. **8.** Bina. **9.** Karar, rahatlyk. **10.** Bal (köne söz). **11.** Tebigy däl, ýasama. **12.** «Altyn ... alkyş al» (nakyl). **17.** Öýke. **27.** Däneli ekin. **31.** Türkiýäniň pul birligi. **32.** Angliýanyň meşhur futbol topary. **33.** Gaýduwsyz, mert. **35.** Dykgat, oý pikir. **36.** Sözlemiň aýyklaýjy agzasy. **37.** Ryswa. **39.** Dört çaryýarlaryň biri. **40.** Grek sany. **41.** Söýgi, gadyr-gymmat bilen aýdylýan söz. **43.** Aýal dogan. **44.** Alyn dişlerden aňyrda ýerleşýän ýasy, iri dişler. **47.** Çeýe şahaly agaç, söwüt. **53.** At esbaby. **56.** Sil suwunyň akýan ugry. **59.** Atyň kellesine geýdirilýän agyzzyrykly, uzyn enjam. **62.** Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymgulynyň edebi lakamy. **63.** Materik. **64.** Türkiýäniň paýtagty. **65.** Oglan ady. **66.** Deňiz. **67.** Ýüzlenme ýa-da çagyryş mazmunly ýazylan wagyz. **70.** Ökünç, puşman. **71.** Iki dagyň arasyndan uzap gidýän pes ýer. **72.** Geýim-gejim üçin dokalan ýüň, ýüpek. **73.** Meňzeş, kimin (manydaş söz). **75.** Süýdi we çaly içilýän, suwsuzlyga çydamly öý jandary. **76.** Kesilmän akyp ýatan ýap. **88.** Öý, jaý.

**KESELIGINE:** **5.** Ak we gara sapaklardan işilen ýüp. **7.** Perdeganatlylar maşgalasyna degişli möjejik. **9.** Sergezdan. **13.** Ýanyp küle öwrülmedik ot bölegi. **14.** Ygalyň bir görnüşi. **15.** Ýylan. **16.** Sesiňi kesmek, dymmak. **18.** Birine karzyna berlen pul. **19.** Yza. **20.** Bedende döreýän ynjy. **21.** Tohum at bilen tohum däl atdan bolan at. **22.** Miwe. **23.** Bedew. **24.** Aktýoryň sahna eseriniň haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi. **25.** Öwrenilen endik. **26.** Gereginden artyk. **28.** Iş guraly. **29.** Gapdal, böwür. **30.** «... döwlet geler bolsa, bagşy bilen ozan geler» (atalar sözi). **34.** Üýşürilip goýlan bölek. **38.** Ispança «derýa» sözüniň aňladylyşy. **40.** Taryhy wakanyň ýada belli şahsyň hormatyna dabaraly ýagdaýda ýazylan waspnama. **41.** Urug meňzeşligini görkezýän alamat. **42.** Haýsydyr bir wakanyň aýyny, ýylyny görkezýän wagt. **43.** Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň iňlis dilinde gysga ýazylyşy. **45.** Alys, uzak. **46.** Balygyň bir görnüşi. **48.** Kompýuter toplumynyň gysgaça ýazylyşy. **49.** Isleg, göwün. **50.** Güýç, kuwwat. **51.** Baýdak. **52.** Himiki element. **54.** Oglan ady. **55.** Ýiti tagam. **57.** Dagyň göni, dik galýan kert ýeri. **58.** Lebap welaýatyndaky ýadygärlik galasy. **60.** Arap elipbiýinde bir harp. **61.** Düýäniň bir görnüşi. **63.** «... daş ýürek ýakyn» (nakyl). **66.** Asman. **68.** «Bili ... boýy deraz, sargysy meýdanly bedew» (Mätäji). **69.** «Akpamyk» ertekisiniň bir gahrymany. **70.** Günorta Amerikada daglar toplumy. **73.** Planeta. **74.** Maglumatlary bermek ýa-da almak üçin ulanylýan şertli belgi. **77.** Günorta Aziýada bir derýa. **78.** «... aýlandym Tejen ýerlerne, ýaşlyk ýyllarymyň geçen ýerlerne» (K.Gurbannepesow). **79.** Bir zatdan çekinjeňlik, gaça durmaklyk. **80.** Içki duýgy netijesinde aýdylýan söz. **81.** Ýurdumyzda bir welaýat. **82.** Äht, wada. **83.** Söz gatmak, bir zat diýmek. **84.** Ýüz keşp, meňiz. **85.** Günäli, ýazykly. **86.** Soňky, iň soňy. **87.** Peder. **89.** Kompýuter klawiaturasynyň bir düwmesi.

**Meretgül ÖWEZOWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

Üç ölçegli surat






37-nji KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** Kädiniň bir görnüşi. **5.** Uçaryň bir görnüşi. **8.** 2 sanyň iňlisçesi. **10.** Sportuň bir görnüşi. **11.** Düşümleriň biri. **13.** Programma adalgasy. **15.** Las-Wegas şäheriniň gysga aňladylyşy. **16.** Göni bolmadyk. **17.** Kosmetik serişde. **18.** ...-namys. **20.** Balygyň bir görnüşi. **22.** Jedel. **23.** Aýdym aýtmak boýunça ýaryş. **24.** Oturymly ilatly ýer. **32.** Deňiz ýakasy. **33.** Agajyň bir görnüşi. **34.** Aýdym-saz adalgasy. **35.** Al-... **39.** Ýöňkeme birligi. **44.** Gyz ady. **45.** Himiki element. **46.** Atmosfera basyşynyň birligi. **47.** Nýu-Ýork şäheriniň gysga aňladylyşy. **48.** Ata-... **49.** Geýime urulýan bölek mata. **50.** San. **52.** Adamyň kellesiniň öň tarapky bölegi. **55.** Ene bolmaklyk. **56.** Üzümiň bir görnüşi. **57.** Günäkär, ýazykly (köne söz). **59.** Ýylanyň bir görnüşi. **60.** Himiki element.

**DIKLIGINE:** **2.** Hadysa. **3.** Atageldi Garýagdyýewiň meşhur aýdymy. **4.** Öý jandary. **5.** Nota. **6.** Ýurdumyzda daglaryň biri **7.** Daştöwereginde hiç zat bolmadyk ýer. **9.** Simsiz giriş nokady. **10.** Mekirlik edýän, hile gurýan. **12.** Giýew. **13.** Illinoýs ştatynda bir şäher. **14.** Gelin getirilýän düýe. **19.** «... aýnamaz, altyn çüýremez» (Paýhas çeşmesi). **21.** Gylýallar maşgalasyndan boýy pes, ýüzi uly, gulaklary uzyn jandar. **25.** Reňk. **26.** Gadymy ulag. **27.** Kitleriň iýmit siňdiriş ulgamynda emele gelýän parfýumeriýada, lukmançylykda ulanylýan madda. **28.** XVI asyryň başynda Hytaýda Osmanly syýahatçysy Ali ... Hataý. **29.** Daşary ýurt oglan ady. **30.** Anyk. **31.** Italiýanyň bir şäheri. **36.** Hepdäniň bir güni. **37.** Çaý içilýän agzy ýaýbaň syrçaly gap. **38.** Irlandiýada kiçiräk şäher. **39.** Hindistanyň iň möhüm ykdysady we medeni merkezlerinden biri. **40.** Milli bahar baýramy. **41.** Ýewropada bir döwlet. **42.** Janly-jandarlaryň ganyny sorýan kiçijik bökýän möjejik. **43.** Gyjak çalmak üçin atyň guýruk gyly berkidilen inçejik uzyn çybyk. **51.** Pugta. **53.** Bir zat barada edilýän oý, dykgat. **54.** Bakja ekini. **57.** Suwulgana meňzeş jandar. **58.** Hal işligiň goşulmasy.

**Gülöwser KAKABAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

19-njy SKANWORD




**Ataguly ATAÝEW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

35-nji krosswordyň jogaby:



18-nji skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# Ildeşlerimiziň nobatdaky üstünligi

2027-nji ýylda Saud Arabystanynda geçiriljek 19-njy Aziýa Kubogynyň 3-nji saýlama tapgyrynyň çäginde Türkmenistanyň ýygyndysy «D» toparçada 2-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. 1-nji oýunda myhmançylykda Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysyny 2–1 hasabynda ýeňen ildeşlerimiz Aşgabatda Tailandyň ýygyndysyny kabul etdi. Türkmen futbolçylarynyň doly artykmaçlygynda geçen oýunda ildeşlerimiz 3-1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşygyň 1-nji minutynda Mihail Titow hasaby açyp, ildeşlerimizi öňe saýlady. Duşuşygyň 35-nji minutynda Supaçai hasaby deňlese-de, 2 minutdan soň, ýagny 37-nji minutda Ylhas Saparmämmedow tapawutlanyp, dessine toparymyzy öňe geçirdi. Oýnuň 66-njy minutynda Mekan Saparowyň goly duşuşykdaky soňky gol boldy. Şunlukda, Türkmenistanyň ýygyndysy 3-1 hasabynda ýeňiş gazanyp, toparçadaky utugyny 6-a çykardy. 2-nji oýunlardan soň, ildeşlerimiz toparçada 1-nji orny eýeleýär.



Toparçadaky beýleki duşuşyk hem şol hasap bilen tamamlanyp, Şri Lankanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysyny 3-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Toparçadaky indiki oýunlar 9-njy we 14-nji oktýabrda oýnalar. Şonda ildeşlerimiz Şri Lankanyň ýygyndysy bilen yzly-yzyna 2 duşuşyk geçirer. 1-nji oýun 9-njy oktýabrda Kolomboda, jogap duşuşygy 14-nji oktýabrda Aşgabatda oýnalar.

**«A»:** Timor-Leste – Maldiwler: 1-0, Filippinler – Täjigistan: 2-2
**«B»:** Bruneý – Butan: 2-1, Ýemen – Liwan: 0-0
**«C»:** Gonkong – Hindistan: 1-0, Bangladeş – Singapur: 1-2
**«D»:** Türkmenistan – Tailand: 3-1, Şri Lanka – Hytaý Taýpeýi: 3-1
**«E»:** Mýanma – Pakistan: 1-0, Owganystan – Siriýa: 0-1
**«F»:** Laos – Nepal: 2-1, Malaýziýa – Wýetnam: 4-0



# Portugaliýanyň 2-nji çempionlygy

**Esaslandyrylanyna köp wagt geçmedik UEFA Milletler Ligasy ýaryşynyň 4-nji çempiony belli boldy. Germaniýanyň Münhen hem-de Ştutgart şäherlerinde geçirilen ýarym final we final duşuşyklaryndan soň Portugaliýanyň ýygyndysy 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi.**

Ýarym finalda ýer eýeleri Germaniýanyň ýygyndysyny 2-1 hasabynda ýeňen Portugaliýanyň ýygyndysy finalda Ispaniýanyň milli topary bilen duşuşdy. Şweýsariýaly Sandro Şareriň jürlewük çalan oýnuna 65 müň 852 janköýer tomaşa etdi.

«Allianz Arenada» geçen çekeleşikli oýnuň 21-nji minutynda ispanlar Martin Zubimendiniň goly bilen öňe geçse-de, 5 minutdan soň Nuno Mendeş batly urgy bilen hasaby deňledi. 1-nji ýarymyň ahyrynda, has takygy, 45-nji minutda Mikel Oýarzabal tapawutlanyp, ispanlar 2-nji gezek öňe saýlandy. Arakesmeden soň portugallar hüjümlerini ýygjamlaşdyryp, 61-nji minutda Nuno Mendeşiň pasy bilen Kristiano Ronaldo hasaby deňledi. Şondan soň iki topara-da hasaby üýtgetmek başartmady. Duşuşygyň esasy wagty 2-2 hasabynda tamamlanyp, goşmaça 30 minutda-da üýtgän zat bolmady. 11 metrlik jerime urgularynda Portugaliýanyň ýygyndysy 5-3 hasabynda üstün çykyp, 2019-njy ýyldan soň 2-nji gezek UEFA Milletler Ligasynyň Kubogyny gazandy. Başgaça aýdylanda, ilkinji çempion soňky çempion boldy. Portugaliýanyň ýygyndysy bu kubogy 2 gezek alan ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy.

Ispaniýanyň ýygyndysy çempion hökmünde gatnaşan ýaryşynda çempionlygyny saklap bilmedi. Ispaniýanyň milli topary soňky 2 ýylyň dowamynda ilki UEFA Milletler Ligasynda, soňra Ýewropa çempionatynda çempionlyk gazanypdy. Ispaniýanyň milli ýygyndysy 4-nji gezek geçirilen ýaryşyň soňky üçüsinde finalda oýnady.

Duşuşykda tapawutlanan Ronaldo ýaryşyň finalynda gol geçiren iň ýaşuly futbolçy boldy.

Ýarym final oýunlarynda Portugaliýanyň ýygyndysy Germaniýanyň milli topary bilen Münhende duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda nemesler Florian Wirtsiň 48-nji minutdaky goly bilen öňe geçdi. Ýöne ilki 63-nji minutda oýna soň giren Fransişku Konseýsau hasaby deňlese, 68-nji minutda Kristiano Ronaldo portugallara ýeňiş getiren goly geçirdi.









Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda Ştutgartda Ispaniýa bilen Fransiýanyň ýygyndylary duşuşdy. 9 goluň geçirilen oýnunda Ispaniýanyň ýygyndysy 5-4 hasabynda ýeňiş gazandy. 5-1 hasabynda öňe geçen ispanlaryň gollaryny Niko Williams (22), Mikel Merino (25), Lamin Ýamal (54 p, 67) hem-de Pedri (55) geçirdi. Soňky minutlarda 3 gol salan Fransiýanyň ýygyndysynyň adyndan Şerki (79), Wiwian (84 ö.d.) hem-de Kolo Muani (90+3) tapawutlandy. Duşuşyk UEFA Milletler Ligasynyň çäginde iň köp gol geçirilen oýun boldy. Şeýle-de, Fransiýanyň ýygyndysy 1969-njy ýyldan bäri ilkinji gezek bir oýunda derwezesinden 5 gol geçirtdi.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Fransiýanyň ýygyndysy ýer eýeleri Germaniýanyň ýygyndysyny 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Fransuzlara bürünç medal gazandyran gollary Kilian Mbappe (45) bilen onuň asist etmeginde Maýkl Olise (84) geçirdi. Kilian Mbappeniň milli toparda geçiren gollarynyň sany 50-ä ýetip, ol Oliwie Žiru (57) hem-de Tierri Anriden (51) soň 3-nji orunda barýar. Fransiýanyň ýygyndysy bu ýaryşda ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

2019-njy ýylda geçirilip başlanan UEFA Milletler Ligasynda Portugaliýanyň milli topary 2 (2019, 2025), Fransiýanyň (2021) Ispaniýanyň (2023) ýygyndylary-da 1 gezek çempion bolmagy başardy. Her 2 ýyldan bir guralýan ýaryşda Niderlandlaryň hem-de Horwatiýanyň ýygyndylary 1 gezek finala çykdy. Italiýa 2 gezek 3-nji ýeri eýelese, Angliýa bilen Fransiýanyň milli ýygyndylarynyň her biri bürünç medaly bar.

# Doganlar arany açýar

Moto GP boýunça möwsümiň 8-nji ýaryşy Aragon «Gran Prisi» Ispaniýanyň Alkaniz şäherinde geçirildi. Ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýeňiş gazandy. Ol 23 aýlawy 41 minut 11,195 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki 4-nji, karýerasy boýunça-da 66-njy ýeňişdir. Ýaryşda agasyndan 1,107 sekunt yza galan «BK8 Gresini Racing» toparynyň sürüjisi Aleks Markes 2-nji ýeri eýeledi. 3-nji orny «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia mynasyp boldy. Ol ýeňijiden 2,029 sekunt soň pellehana geldi.



Esasy bäsleşikden 1 gün öň geçirilen sprint ýaryşynda-da Mark Markes 1-nji, Aleks Markes 2-nji orny eýeledi. Şeýlelikde, geçirilen 8-nji ýaryşdan soň Mark Markes 233 utuk bilen sürüjileriň sanawynda öňdeligini saklap gelýär. 2-nji ýerdäki inisi Aleks 8 ýaryşda 201 utuk toplamagy başardy. 3-4-5-nji orunlarda italýan sürüjileri bolup, Françesko Banaianyň 140 hem-de «Pertamina Enduro VR46 Racing» toparynyň wekilleri Franko Morbidelliniň 115, Fabio di Jannantonionyň 99 utugy bar. Möwsümiň 9-njy ýaryşy 22-nji iýunda Italiýanyň Skarperia-e-San-Piero şäherindäki «Mugello» trassasynda geçiriler.

# Ožie öňdeligini saklaýar

Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 6-njy ýaryşy Italiýanyň Sardiniýa adasynda geçirildi. 16 tapgyrdan ybarat bolan 320,24 kilometrlik ýaryşda



«Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. Ýaryşy 3 sagat 34 minut 24,5 sekuntda tamamlan Ožie bassyr 2-nji, möwsümdäki 3-nji ýeňşini baýram etdi. Bu onuň karýerasy boýunça gazanan 64-nji birinjiligi diýlip hasaba alyndy.

Ýaryşda Ožieden 7,9 sekunt soň pellehana gelen «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak 2-nji, ýeňijiniň finlýandiýaly topardaşy Kalle Rowanpera 3-nji orny eýeledi. Umumy sanawyň lideri, «Toyota Gazoo» toparynyň britan piloty Elfin Ewans ýaryşy 4-nji bolup tamamlady.

Sürüjileriň sanawynda Ewans 133 utuk bilen öňdeligi eýeleýär. Topardaşlar Ožie bilen Rowanperanyň arasynda 1 utuk aratapawudy bolup, fransuz pilotynyň 114, fin sürüjisiniň 113 utugy bar.

Möwsümiň 7-nji bäsleşigi Akrapolis Rallisi 26-29-njy iýun aralygynda Gresiýanyň Lamiýa şäherinde geçiriler.

# Ikisinde hem 3-nji duşuşyklar geçirildi

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da final oýunlarynyň 3 duşuşygy geçirildi. «Oklahoma Siti Tander» bilen «Indiana Peýsers» toparlarynyň arasyndaky 1-nji oýunda myhmançylykdaky indianapolisliler soňky sekuntlarda ýeňşini baýram etdi (110:111). 2-nji oýun hem «Oklahoma Sitide» geçirilip, bu gezek ýer eýeleri uly aratapawut bilen 123:107 hasabynda ýeňiş gazanyp, umumy hasaby deňledi. 3-nji duşuşygy öz meýdançasynda kabul eden «Indiana Peýsers» topary 116:107 hasabynda üstün çykdy we umumy hasapda 2:1 öňe saýlandy. 4-nji duşuşyk 14-nji iýunda Indianapolisde oýnalar.



* * *

Edil şonuň ýaly, Stenli Kubogy ugrundaky NHL-niň final oýunlarynda-da 3 duşuşyk geçirildi. 1-2-nji duşuşyklar Kanadanyň Alberta şäherinde oýnaldy. «Edmonton Oilers» topary 1-nji duşuşykda soňky çempion «Florida Panters» owertaýmda 5:4 hasabynda utdy. 2-nji oýunda 2 gezek owertaým bolup, bu sapar «Florida Panters» 5:4 hasabynda ýeňiş gazandy. Floridada geçirilen 3-nji duşuşykda ýer eýeleri uly hasap bilen 6:1 hasabynda üstün çykmagy başardy. Şunlukda, umumy hasapda «Florida Panters» 2:1 öňe saýlandy.



# Dünýä Kubogynyň täze toparlary – Özbegistanyň hem-de Iordaniýanyň ýygyndylary

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň Aziýa zolagy boýunça 3-nji tapgyryň oýunlary tamamlanyp, 6 ýygyndy futbolyň iň uly ýaryşyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Toparçadaky 9-njy oýunlardan soň Özbegistandyr Iordaniýanyň hem-de Günorta Koreýanyň, 10-njy duşuşyklardan soňam Awstraliýanyň milli ýygyndylary Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyny eýelediler. Olar öňki tapgyrda ýollanma alan Ýaponiýadyr Eýranyň milli ýygyndylarynyň hataryna goşuldy. Aziýadan gatnaşjak ýene 2 ýygyndy 4-nji tapgyrdan soň belli bolar.**







**«A» toparçada** Özbegistanyň ýygyndysy myhmançylykda BAE-niň ýygyndysy bilen duşuşyp, olara ýollanma üçin 1 utuk hem ýeterlikdi. Duşuşyk golsuz tamamlanyp, Özbegistanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Özbegistanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda çykyş etjek 81-nji, şol sanda Merkezi Aziýadan wekilçilik etjek ilkinji topar boldy. Özbegistanyň ýygyndysy toparçadaky soňky oýnunda Kataryň ýygyndysyndan 3-0 hasabynda üstün çykdy. Toparçanyň lideri Eýranyň ýygyndysy Kataryň milli toparyndan 1-0 utulyp, öz meýdançasynda Demirgazyk Koreýanyň ýygyndysyny derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollary Mohebi, Taremi hem-de Hosseinzadeh öz atlaryna ýazdyrdylar. Toparçada BAE bilen Kataryň milli toparlarynyň Dünýä Kubogyna gatnaşmak mümkinçiligi dowam edip, olar 4-nji tapgyrda hem çykyş ederler.

**«B» toparçada** 9-njy duşuşyklardan soň 2 ýygyndy hem belli boldy. Günorta Koreýanyň ýygyndysy myhmançylykda Yragyň milli toparyny Kim Jin Gýunuň hem-de O Hýeon Gýunuň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňip, bassyr 11-nji, umumylykda-da 12-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşarlar. Koreýa Respublikasynyň ýygyndysy 1986-njy ýyldan bäri Dünýä Kubogyna yzgiderli gatnaşyp gelýär. Olar ondan öňem 1954-nji ýylda gatnaşypdylar.

Myhmançylykda Omanyň ýygyndysyny Ali Olwanyň het-trigi bilen ýeňen Iordaniýanyň milli ýygyndysy Dünýä Kubogy 2026-nyň Özbegistanyň ýygyndysyndan soň 2-nji debýutanty boldy. Taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanan Iordaniýanyň ýygyndysy 1986-njy ýyldan bäri saýlama oýunlarynda çykyş edip gelýär we 11-nji synanyşygynda taryhy başarnyk gazandylar.

Toparçadaky iň soňky oýunlarda Günorta Koreýanyň milli ýygyndysy öz meýdançasynda Kuweýtiň milli toparyny 4-0 hasabynda utdy. Toparçada Yrak bilen Omanyň ýygyndylary 3-4-nji orunlary eýeläp, 4-nji saýlama tapgyrynda çykyş ederler.

**«C» toparçada** Ýaponiýanyň ýygyndysy mart aýynda Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanypdy. Toparçada ikinjilik ugrunda Awstraliýa bilen Saud Arabystanynyň ýygyndylarynyň arasynda ýiti göreş dowam edýärdi. Awstraliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Ýaponiýany Behiçiň 90-njy minutda geçiren goly bilen 1-0 hasabynda ýeňdi. Bu ýaponlaryň şu gezekki saýlama tapgyryndaky ilkinji ýeňlişi boldy. Saud Arabystanynyň ýygyndysy bolsa myhmançylykda Bahreýniň milli toparyny 2-0 hasabynda utdy. Toparçadaky soňky oýunlarda Ýaponiýanyň ýygyndysy Indoneziýanyň ýygyndysynyň derwezesinden gol baryny ýagdyrdy. Kamadanyň 2 gol geçiren oýnunda ýaponlar 6-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Jidda şäherinde Saud Arabystanynyň ýygyndysy Awstraliýanyň ýygyndy toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda araplar 19-njy minutda Al-Abudyň goly esasynda öňe hem geçdi. Ýöne myhmanlar 1-nji ýarymyň ahyrynda, 2-nji ýarymyň hem başynda, degişlilikde Metkalf hem-de Dýukuň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Oýnuň 85-nji minutynda ýer eýeleri 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Şunlukda, Awstraliýanyň ýygyndysy bassyr 6-njy, umumylykda-da 7-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Saud Arabystany bilen Indoneziýanyň ýygyndylary bolsa bagtlaryny 4-nji tapgyrda synap görerler.

Şeýlelikde, Aziýa zolagynda 3-nji saýlama tapgyryndan soň 6 ýygyndy Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyna eýe boldy. 4-nji saýlama tapgyryndan soň olaryň hataryna ýene-de 2 ýygyndy goşular. Toparçada 3-4-nji orunlary eýelän 6 topar – BAE, Katar, Yrak, Oman, Saud Arabystany we Indoneziýa 3 topardan ybarat 4-nji tapgyrda 2 toparça paýlanar. 4-nji tapgyryň duşuşyklary oktýabr aýynda merkezileşdirilen ýerde geçiriler. 3 oýnuň netijesinde her toparçanyň lideri Dünýä Kubogyna ýollanma gazanar. Aziýa zolagyndan ýene bir ýygyndy bolsa yklymlar arasy pleý-off duşuşyklaryndan soň gatnaşyp biler.



| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | EÝRAN | 10 | 7 | 2 | 1 | 19–8 | 23 |
| 2 | ÖZBEGISTAN | 10 | 6 | 3 | 1 | 14–7 | 21 |
| 3 | BAE | 10 | 4 | 3 | 3 | 15–8 | 15 |
| 4 | KATAR | 10 | 4 | 1 | 5 | 17-24 | 13 |
| 5 | GYRGYZYSTAN | 10 | 2 | 2 | 6 | 12-18 | 8 |
| 6 | D. KOREÝA | 10 | 0 | 3 | 7 | 9–21 | 3 |

BAE—Özbegistan: 0–0, Katar—Eýran: 1–0, Demirgazyk Koreýa—Gyrgyzystan: 2–2; Özbegistan—Katar: 3–0, Gyrgyzystan—BAE: 1–1, Eýran—Demirgazyk Koreýa: 3–0

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | G. KOREÝA | 10 | 6 | 4 | 0 | 20–7 | 22 |
| 2 | IORDANIÝA | 10 | 4 | 4 | 2 | 16–8 | 16 |
| 3 | YRAK | 10 | 4 | 3 | 3 | 9–9 | 15 |
| 4 | OMAN | 10 | 3 | 2 | 5 | 9–14 | 11 |
| 5 | PALESTINA | 10 | 2 | 4 | 4 | 10-13 | 10 |
| 6 | KUWEÝT | 10 | 0 | 5 | 5 | 7–20 | 5 |

Oman—Iordaniýa: 0–3, Yrak—Günorta Koreýa: 0–2, Kuweýt—Palestina: 0–2; Günorta Koreýa—Kuweýt: 4–0, Iordaniýa—Yrak: 0–1, Palestina—Oman: 1–1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÝAPONIÝA | 10 | 7 | 2 | 1 | 30–3 | 23 |
| 2 | AWSTRALIÝA | 10 | 5 | 4 | 1 | 16–7 | 19 |
| 3 | SAUD ARABYSTANY | 10 | 3 | 4 | 3 | 7–8 | 13 |
| 4 | INDONEZIÝA | 10 | 3 | 3 | 4 | 9–20 | 12 |
| 5 | HYTAÝ | 10 | 3 | 0 | 7 | 7–20 | 9 |
| 6 | BAHREÝN | 10 | 1 | 3 | 6 | 5–16 | 6 |

Awstraliýa—Ýaponiýa: 1–0, Indoneziýa—Hytaý: 1–0, Bahreýn—Saud Arabystany: 0–2; Ýaponiýa—Indoneziýa: 6–0, Hytaý—Bahreýn: 1–0, Saud Arabystany—Awstraliýa: 1–2

# Braziliýa 23-nji gezek gatnaşýar

**Geljek ýyl Meksika, Kanada we ABŞ-da geçiriljek 23-nji Dünýä Kubogynyň saýlama oýunlarynyň esasy tapgyry ahyrlap barýar. Günorta Amerika zolagyndan häzirki çempion Argentinadan soň Dünýä Kubogyna gatnaşjak ýene-de 2 ýygyndy belli boldy.**

15-nji duşuşyklara ser salsak, Argentinanyň ýygyndysy myhmançylykda Çilini Hulian Alwaresiň 16-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utdy. Çiliniň ýygyndysy bassyr 3-nji gezek Dünýä Kubogynyň daşynda galar. Täze tälimçisi Karlo Ançelottiniň ýolbaşçylygyndaky Braziliýanyň ýygyndysy italýaly hünärmeniň ilkinji oýnunda myhmançylykda Ekwador bilen golsuz deňme-deň oýnady. Paragwaýyň ýygyndysy öz meýdançasynda Urugwaýyň ýygyndysyny ýeňmegi başardy.

16-njy duşuşyklardan soň Braziliýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogyna ýollanma almagy başardy. Sambaçylar öz meýdançasynda Paragwaýy 1–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 44-nji minutda Mateus Kunýanyň pasyndan soň Winisius Junior geçirdi. Şunlukda, Ançelottiniň tälimçiliginde ilkinji ýeňşini gazanan Braziliýanyň ýygyndysy 23-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar. Braziliýanyň ýygyndysy mundan öňki Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň ählisinde çykyş eden ýeke-täk topardyr.

Peru bilen golsuz deňme-deň oýnan Ekwadoryň ýygyndysy hem utugyny 25-e çykaryp, wagtyndan öň Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyna eýe boldy. Ekwadoryň ýygyndysy 5-nji gezek Dünýä çempionatyna wekilçilik eder. Argentina bilen Kolumbiýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Luis Diazyň goluna ýer eýeleri Almadanyň goly bilen jogap berdi.

Galan 2 tapgyrda Urugwaýdyr Paragwaýyň hem-de Kolumbiýanyň ýygyndylarynyň Dünýä Kubogyna gatnaşmak mümkinçilikleri ýokary bolup, Wenesuela bilen Boliwiýanyň arasynda-da pleý-off tapgyryna düşmek ugrunda ýiti göreş dowam edýär.



GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 16 | 11 | 2 | 3 | 28--9 | 35 |
| 2 | EKWADOR | 16 | 7 | 7 | 2 | 13--5 | 25 |
| 3 | BRAZILIÝA | 16 | 7 | 4 | 5 | 21--16 | 25 |
| 4 | URUGWAÝ | 16 | 6 | 6 | 4 | 19--12 | 24 |
| 5 | PARAGWAÝ | 16 | 6 | 6 | 4 | 13--10 | 24 |
| 6 | KOLUMBIÝA | 16 | 5 | 7 | 4 | 19--15 | 22 |
| 7 | WENESUELA | 16 | 4 | 6 | 6 | 15--19 | 18 |
| 8 | BOLIWIÝA | 16 | 5 | 2 | 9 | 16--32 | 17 |
| 9 | PERU | 16 | 2 | 6 | 8 | 6--17 | 12 |
| 10 | ÇILI | 16 | 2 | 4 | 10 | 9--24 | 10 |

Paragwaý—Urugwaý: 2–0, Ekwador—Braziliýa: 0–0, Çili—Argentina: 0–1, Kolumbiýa—Peru: 0–0, Wenesuela—Boliwiýa: 2–0; Boliwiýa—Çili: 2–0, Urugwaý—Wenesuela: 2–0, Argentina—Kolumbiýa: 1–1, Braziliýa—Paragwaý: 1–0, Peru—Ekwador: 0–0

# Bir aýlyk futbol baýramçylygy – FIFA Klublar Dünýä Kubogy

Hepdäniň ýekşenbe güni, ýagny 15-nji iýunda ilkinji gezek 32 toparyň gatnaşmagynda geçiriljek FIFA Klublar Dünýä Kubogyna badalga berler. Bir aýlap dowam etjek çempionat ABŞ-da geçiriler. Duşuşyklar 11 şäherdäki 12 stadionda oýnalar. Çempionata Ýewropadan 12, Günorta Amerikadan 6, Afrikadyr Aziýadan, şol sanda Demirgazyk we Merkezi Amerika hem-de Kariblerden 4, Okeaniýadan 1 hem-de ýer eýesi hökmünde 1 klub gatnaşar.

Toparçalaryň çäginde günde 2-3-4 duşuşyk geçiriler. Duşuşyklaryň aglabasy Aşgabat wagty bilen 21:00-da, 00:00-da, 03:00-da, 06:00-da, käbir



duşuşyklar 23:00-da, 01:00-da, 05:00-da, 07:00-da başlanar.

Çempionatyň açylyş oýny «Inter Maýami» bilen «Al-Ahli» toparlarynyň arasynda bolup, ol 15-nji iýunda ýekşenbe güni dańdan 05:00-da başlar. Duşuşyk Maýami Gardens şäherinde geçiriler. Çempionatyň çäginde jemi 63 duşuşyk oýnalar.

Ýaryşyň faworiti hökmünde ýewropaly klublar öňe saýlanyp, PSŽ-niň ady birinji agzalýar. «Mançester Siti», «Real Madrid», «Bawariýa» beýleki esasy dalaşgärler hasaplanýar.

Çempionatda çykyş etjek klublaryň düzümindäki oýunçylaryň 141-si braziliýaly bolup, olar öňdeligi eýeleýärler. Ýeri gelende, Braziliýadan 4 klubuň gatnaşýandygyny belläliň. Argentinaly futbolçylaryň 103-si toparlaryň düzümine alyndy. Ispaniýaly futbolçylaryň 54-si, portugallaryň 49-sy, meksikanlaryň 41-si, ýer eýeleri amerikanlaryň 40-sy çempionatda çykyş ederler.

**Gatnaşýan klublar**

● **UEFA (12):** Çelsi, Mançester Siti (ikisem – Angliýa), Real Madrid, Atletiko Madrid (iksem – Ispaniýa), Bawariýa, Borussiýa Dortmund (ikisem – Germaniýa), Inter, Ýuwentus (ikisem – Italiýa), Porto, Benfika (ikisem – Portugaliýa), PSŽ (Fransiýa)

**KONMEBOL (6):** Palmeiras, Flamengo, Fluminense, Botafoga (hemmesi – Braziliýa), Riwer Pleýt, Boka Huniors (ikisem – Argentina)

**KONKAKAF (4):** Monterreý, Paçuka (ikisem – Meksika), Seatl Saunders, Los Anjeles FK (ikisem – ABŞ)

**AFK (4):** Al Hilal (Saud Arabystany), Urawa Red Daýmonds (Ýaponiýa), Al Ain (BAE), Ulsan HD (Günorta Koreýa)

**KAF (4):** Al-Ahli (Müsür), Widad (Marokko), Esperans de Tunis (Tunis), Mamelodi Sandawns (Günorta Afrika)

**OKEANIÝA (1):** Oklend Siti (Täze Zelandiýa)

**ÝER EÝESI (1):** Inter Maýami (ABŞ)

**Duşuşyklaryň geçiriljek stadionlary**

● «Rose Bowl» (Pasadena, Los Anjeles) – 88 500 orunlyk, **«MetLife Stadium»** (Ist Ruterford) – 82 500, **«Bank of America Stadium»** (Şarlott) – 75 000, **«Mercedes-Benz Stadium»** (Atlanta) – 75 000, **«Lincoln Financial Field»** (Filadelfiýa) – 69 000, **«Lumen Field»** (Seatl) – 69 000, **«Hard Rock Stadium»** (Maýami Gardens) – 65 000, **«Camping World Stadium»** (Orlando) – 65 000, **«Inter&Co Stadium»** (Orlando) – 25 000, **«Geodis Park»** (Neşwill) – 30 000, **«TQL Stadium»** (Sinsinnati) – 26 000, **«Audi Field»** (Waşington) – 20 000




**1 milliard dollarlyk pul baýragy paýlanar**



● FIFA Klublar Dünýä Kubogynyň umumy baýrak gaznasy 1 milliard dollar möçberinde bolup, onuň 525 milliony toparlara gatnaşany üçin paýlanar. Galan 475 milliony bolsa klublaryň görkezjek başarnygyna görä berler. 32 klubuň hersine ýaryşa gatnaşýandygy üçin 35 million, toparçadaky ähli duşuşykda ýeňiş gazanan toparlara goşmaça ýene-de 6 million, 1/8 finala çykanlara 7, çärýek finalçylara 12, ýarym finalçylara 20 million dollar pul baýragy gowşurylar. Finala çykan toparlardan ýeňiş gazanany 37 million dollar pul baýragyny alsa, finalda utulan topar 28 million bilen oňňut etmeli bolar. Umumylykda, çempionlyk gazanan toparyň 145 million dollary möçberinde pul baýragyny gazanmak mümkinçiligi bar.

TOPARÇALAR

**«A»**
Palmeiras
Porto
Al-Ahli
Inter Maýami

**«B»**
PSŽ
Atletiko Madrid
Botafoga
Seatl Saunders

**«C»**
Bawariýa
Oklend Siti
Boka Huniors
Benfika

**«D»**
Flamengo
ES Tunis
Çelsi
Los Anjeles FK

**«E»**
Riwer Pleýt
Urawa Red Daýmonds
Monterreý
Inter

**«F»**
Fluminense
Borussiýa Dortmund
Ulsan HD
Mamelodi Sandawns

**«G»**
Mançester Siti
Widad
Al Ain
Ýuwentus

**«H»**
Real Madrid
Al Hilal
Paçuka
RB Salsburg



| Duşuşyklar | Güni | Wagty | Stadiony |
|---|---|---|---|
| **1-nji duşuşyklar** | | | |
| Al-Ahli – Inter Maýami | 15-nji iýun, ýekşenbe | 05:00 | Hard Rock Stadium |
| Bawariýa – Oklend Siti | 15-nji iýun, ýekşenbe | 21:00 | TQL Stadium |
| **PSŽ – Atletiko** | 16-njy iýun, duşenbe | 00:00 | Rose Bowl |
| Palmeiras – Porto | 16-njy iýun, duşenbe | 03:00 | MetLife Stadium |
| Botafoga – Seatl Saunders | 16-njy iýun, duşenbe | 07:00 | Lumen Field |
| Çelsi – Los Anjeles FK | 17-nji iýun, sişenbe | 00:00 | Mercedes-Benz Stadium |
| **Boka Huniors – Benfika** | 17-nji iýun, sişenbe | 03:00 | Hard Rock Stadium |
| Flamengo – ES Tunis | 17-nji iýun, sişenbe | 06:00 | Lincoln Financial Field |
| **Fluminense – Borussiýa D** | 17-nji iýun, sişenbe | 21:00 | MetLife Stadium |
| Riwer Pleýt – Urawa Red D | 18-nji iýun, çarşenbe | 00:00 | Lumen Field |
| Ulsan HD – Mamelodi San. | 18-nji iýun, çarşenbe | 03:00 | Inter&Co Stadium |
| **Monterreý – Inter** | 18-nji iýun, çarşenbe | 06:00 | Rose Bowl |
| Mançester Siti – Widad | 18-nji iýun, çarşenbe | 21:00 | Lincoln Financial Field |
| **Real Madrid – Al Hilal** | 19-njy iýun penşenbe | 00:00 | Hard Rock Stadium |
| Paçuka – RB Salsburg | 19-njy iýun penşenbe | 03:00 | TQL Stadium |
| Al Ain – Ýuwentus | 19-njy iýun penşenbe | 06:00 | Audi Field |
| **2-nji duşuşyklar** | | | |
| Palmeiras – Al-Ahli | 19-njy iýun penşenbe | 21:00 | MetLife Stadium |
| Inter Maýami – Porto | 20-nji iýun, anna | 00:00 | Mercedes-Benz Stadium |
| Seatl Saunders – Atletiko | 20-nji iýun, anna | 03:00 | Lumen Field |
| **PSŽ – Botafoga** | 20-nji iýun, anna | 06:00 | Rose Bowl |
| Benfika – Oklend Siti | 20-nji iýun, anna | 21:00 | Inter&Co Stadium |
| **Flamengo – Çelsi** | 20-nji iýun, anna | 23:00 | Lincoln Financial Field |
| Los Anjeles FK – ES Tunis | 21-nji iýun, şenbe | 03:00 | Geodis Park |
| **Bawariýa – Boka Huniors** | 21-nji iýun, şenbe | 06:00 | Hard Rock Stadium |
| Mamelodi San. – Borussiýa D | 21-nji iýun, şenbe | 21:00 | TQL Stadium |
| Inter – Urawa Red D | 22-nji iýun, ýekşenbe | 00:00 | Lumen Field |
| Fluminense – Ulsan HD | 22-nji iýun, ýekşenbe | 03:00 | MetLife Stadium |
| Riwer Pleýt – Monterreý | 22-nji iýun, ýekşenbe | 06:00 | Rose Bowl |
| Ýuwentus – Widad | 22-nji iýun, ýekşenbe | 21:00 | Camping World Stadium |
| Real Madrid – Paçuka | 23-nji iýun, duşenbe | 00:00 | Bank of America Stadium |
| RB Salsburg – Al Hilal | 23-nji iýun, duşenbe | 03:00 | Audi Field |
| Mançester Siti – Al Ain | 23-nji iýun, duşenbe | 06:00 | Mercedes-Benz Stadium |
| **3-nji duşuşyklar** | | | |
| Seatl Saunders – PSŽ | 24-nji iýun, sişenbe | 00:00 | Lumen Field |
| Atletiko – Botafoga | 24-nji iýun, sişenbe | 00:00 | Rose Bowl |
| Porto – Al-Ahli | 24-nji iýun, sişenbe | 06:00 | MetLife Stadium |
| Inter Maýami – Palmeiras | 24-nji iýun, sişenbe | 06:00 | Hard Rock Stadium |
| Oklend Siti – Boka Huniors | 25-nji iýun, çarşenbe | 00:00 | Geodis Park |
| **Benfika – Bawariýa** | 25-nji iýun, çarşenbe | 00:00 | Bank of America Stadium |
| ES Tunis – Çelsi | 25-nji iýun, çarşenbe | 06:00 | Lincoln Financial Field |
| Los Anjeles FK – Flamengo | 25-nji iýun, çarşenbe | 06:00 | Camping World Stadium |
| Borussiýa D – Ulsan HD | 26-njy iýun, penşenbe | 00:00 | TQL Stadium |
| Mamelodi San. – Fluminense | 26-njy iýun, penşenbe | 00:00 | Hard Rock Stadium |
| Urawa Red D – Monterreý | 26-njy iýun, penşenbe | 06:00 | Rose Bowl |
| **Inter – Riwer Pleýt** | 26-njy iýun, penşenbe | 06:00 | Lumen Field |
| **Ýuwentus – Mançester Siti** | 27-nji iýun, anna | 00:00 | Camping World Stadium |
| Widad – Al Ain | 27-nji iýun, anna | 00:00 | Audi Field |
| Al Hilal – Paçuka | 27-nji iýun, anna | 06:00 | Geodis Park |
| **RB Salsburg – Real Madrid** | 27-nji iýun, anna | 06:00 | Lincoln Financial Field |
| **1/8 final** | | | |
| A1 - B2 | 28-nji iýun, şenbe | 21:00 | Lincoln Financial Field |
| C1 - D2 | 29-njy iýun, ýekşenbe | 01:00 | Bank of America Stadium |
| B1 - A2 | 29-njy iýun, ýekşenbe | 21:00 | Mercedes-Benz Stadium |
| D1 - C2 | 30-njy iýun, duşenbe | 01:00 | Hard Rock Stadium |
| E1 - F2 | 1-nji iýul, sişenbe | 00:00 | Bank of America Stadium |
| G1 - H2 | 1-nji iýul, sişenbe | 06:00 | Camping World Stadium |
| H1 - G2 | 2-nji iýul, çarşenbe | 00:00 | Hard Rock Stadium |
| F1 - E2 | 2-nji iýul, çarşenbe | 06:00 | Mercedes-Benz Stadium |
| **1/4 final** | | | |
| E1/F2 - G1/H2 | 5-nji iýul, şenbe | 00:00 | Camping World Stadium |
| A1/B2 - C1/D2 | 5-nji iýul, şenbe | 06:00 | Lincoln Financial Field |
| B1/A2 - D1/C2 | 5-nji iýul, şenbe | 21:00 | Mercedes-Benz Stadium |
| H1/G2 - F1/E2 | 6-njy iýul, ýekşenbe | 01:00 | MetLife Stadium |
| **1/2 final** | | | |
| E1/F2/G1/H2 - A1/B2/C1/D2 | 9-njy iýul, çarşenbe | 00:00 | MetLife Stadium |
| B1/A2/D1/C2 - H1/G2/F1/E2 | 10-njy iýul, penşenbe | 00:00 | MetLife Stadium |
| **FINAL** | **14-nji iýul, duşenbe** | **00:00** | **MetLife Stadium** |



## «Mançester Siti» 4 futbolçyny düzümine goşdy

Geçen möwsümi kuboksyz tamamlan Angliýanyň «Mançester Siti» topary FIFA Klublar Dünýä Kubogynyň öňüsyrasynda 4 futbolçyny düzümine goşdy. Pep Guardiolanyň tälim berýän kluby «Wulwerhemptondan» alžirli çep gyraky goragçy Raýan Ait-Nurini (24 ýaş), «Liondan» fransiýaly ýarymgoragçy Raýan Şerkini (21 ýaş), «Milandan» niderland ýarymgoragçysy Tijani Reýndersi (26 ýaş ) hem-de «Çelsiden» iňlis derwezeçisi Markus Bettinellini (33 ýaş) transfer etdi. «Mançester Siti» topary başda ady agzalan 3 futbolçy bilen 5, derwezeçi Bettinelli bilenem 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Iňlis kluby Ait-Nuri üçin «Wulwerhemptona» 40 million, Şerki üçin «Liona» 36,5+6 million, Reýnders üçinem «Milana» goşmaça tölegleri hasaba almanyňda 55 million ýewro berer. Bettinelli bolsa tölegsiz şäherlileriň düzümine goşuldy.

## Bellingam «Borussiýa Dortmunda» transfer boldy

● Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary 9 ýyldan soň «Premier Liga» çykan «Sanderland» toparyndan 19 ýaşly ýarymgoragçy Job Bellingamy 33+5 million ýewro transfer etdi. Dortmundlylar «Real Madridiň» ýyldyzy Jud Bellingamyň inisi bolan 19 ýaşyndaky Job bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Job Bellingam geçen möwsüm «Sanderlandda» 43 oýunda 4 gol geçirdi. Jud Bellingamdan soň onuň inisi Job hem «Borussiýa Dortmund» toparynda çykyş eder.



## ALKARASYŇ TARYHY ÇEMPIONLYGY

**Tennis boýunça möwsümiň 2-nji «Uly tuwalga» ýaryşy «Fransiýa Açyk» tamamlandy. «Rolan Garros» hem diýilýän ýaryş 124-nji gezek geçirilip, erkekleriň arasynda çempion üýtgemedi. Ispaniýaly Karlos Alkaras çempionlygyny saklamagy başardy. Zenanlaryň arasynda bolsa amerikaly Koko Gauff çempionlyk kubogyny asmana göterdi. Ýeňijileriň hersine aýratynlykda pul sylagy berildi.**

**2013-nji ýyldan soň ilkinji gezek «Fransiýa Açyk» tennis ýaryşynda hem zenanlaryň, hem-de erkekleriň arasyndaky finalda sanawyň 1-2-nji belgili tennisçileri duşuşdy. Netijede, ikisinde-de 2-nji belgili tennisçiler ýeňşini baýram etdi.**

**Pariždäki ilkinji ýeňşi**

● Zenanlaryň arasyndaky finalda sanawyň 1-nji belgilisi, belarusly Aryna Sabalenka bilen 2-nji basgançak-



daky amerikaly Koko Gauff duşuşdy. Duşuşyk 2 sagat 38 minutlap dowam edip, 1-nji setde Sabalenka taý-bregiň netijesinde 7:6 hasabynda üstün çykdy. Ýöne 2-nji setde Koko Gauff has erjel oýun görkezdi. Ol güýçli garşydaşyny 6:2 ýeňip, umumy hasaby deňledi. Deňeçerräk ýagdaýda geçen 3-nji setde 21 ýaşyndaky Gauff 6:4 öňe saýlandy we karýerasyndaky 2-nji «Uly tuwalga» kubogyny gazandy. Ol mundan öň 2023-nji ýylda «Amerika Açyk» tennis ýaryşynda ýeňiji bolupdy. Şol sanda bu onuň WTA-nyň ýaryşlaryndaky 10-njy kubogy hökmünde hasaba alyndy.

27 ýaşyndaky Sabalenka bolsa ilkinji gezek finala çykan ýaryşynda kubogy gazanyp bilmedi. Ol soňky 3 «Uly tuwalga» ýaryşynda finala çykyp, «Amerika Açykda» çempion bolupdy, ondan soňky, ýagny «Awstraliýa Açyk» we «Fransiýa Açyk» ýaryşlarynyň finalynda welin, ýeňlişe sezewar boldy. «Uly tuwalgalarda» 3 çempionlygy bolan Sabalenka şonça gezek hem finalda garşydaşlaryndan asgyn geldi.

Gauff ýarym finalda «wild card» bilen ýaryşa gatnaşan we 361-nji orundaky fransiýaly Lois Buassondan, Sabalenka bolsa polşaly Iga Şwentekden üstün çykdy.

**Ýatdan çykmajak «kembek»**

● Erkeklerden sanawyň 1-nji we 2-nji belgili tennisçileri – italiýaly Ýannik Sinneriň hem-de ispaniýaly Karlos Alkarasyň arasyndaky final ýatdan çykmajak wakalara baý boldy. 1-nji



setde 6:4 üstün çykan Sinner 2-nji setde «taý-brekde» öňe saýlanyp (7:4) 7:6 hasabynda ýeňiş gazandy we umumy hasaby 2:0-a çykardy. 3-nji setde ýeňiş Alkarasyň tarapynda bolup, ol 6:4 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli geçen 4-nji set ýeňijiniň ykbalyny kesgitledi. 3-nji setde 5:4 öňde barýan Sinner 10-njy oýunda 40:0 öňe geçdi. Çempionlyga bir utuk galanda, Alkaras ilki hasaby deňledi, soňra bolsa 10-njy oýunda ýeňiş gazandy. Netijede, 3-nji setde ýeňijini «taý-brek» kesgitledi. «Taý-bregi» 7:3, seti-de 7:6 hasap bilen ýeňen Alkaras umumy hasaby deňlemegi başardy. 5-nji, final setinde-de Alkaras erjelligi elden bermän «taý-brekde» 10-2 garşydaşyndan üstün çykdy we setde 7:6 öňe saýlanyp, çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň 5-nji «Uly tuwalgasy» bolup, ol «Fransiýa Açykda» çempionlygyny goramagy başardy. Ilkinji gezek 2:0 ýeňlip barýarka 3:2 üstün çykyp çempionlyk gazanan Alkaras mundan öň 2022-nji ýylda «Amerika Açykda», 2023-nji ýylda «Wimbledonda», 2024-nji ýylda bolsa «Fransiýa Açykda» hem-de «Wimbledonda» ýeňiji bolupdy. Ol «Açyk» döwürde «Uly tuwalgalaryň» finalynda garşydaşynyň 3 çempionlyk utugyny yza serpikdirip, soňunda kubogy eýelän 3-nji erkek tennisçi boldy. Ondan öň 2004-nji ýylda «Fransiýa Açykda» Gaston Gaudo, 2019-njy ýylda-da Nowak Jokowiç agza-burna gelen çempionlyklaryny garşydaşlarynyň ellerinden almagy başardy. Alkaras 5-nji çempionlygyna edil watandaşy, tennisiň ägirdi Rafael Nadal ýaly 22 ýaş 1 aý 3 gün diýilende ýetdi. Şeýle-de, erkekleriň arasynda soňky 6 «Uly tuwalga» ýaryşynyň 3-sinde Karlos Alkaras, 3-sinde bolsa Ýannik Sinner ýeňiji boldy.

Alkaras ýarym finalda italiýaly Lorenzo Musettiden, Sinner bolsa serbiýaly Nowak Jokowiçden üstün çykdy.



5 sagat 29 minutda tamamlanan duşuşyk «Fransiýa Açygyň» taryhyndaky iň uzak dowam eden final oýny hökmünde hasaba alyndy. «Uly tuwalga» ýaryşlarynyň arasynda «Awstraliýa Açyk 2012»-niň finalyndan soň iň uzak dowam eden 2-nji final boldy (5 sagat 53 minutda Jokowiç Nadaly ýeňipdi).

## Inzagi «Al Hilalyň», Kiwu «Interiň» tälimçisi boldy

**UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda uly hasap bilen utulan «Inter» toparynyň tälimçisi Simone Inzagi klubdan gitdi. «Interdäki» 4 ýyllyk başdangeçirmesini tamamlan 49 ýaşyndaky tälimçi Saud Arabystanynyň «Al Hilal» toparynyň tälimçiligine bellendi. Ol Er-riýadlylar bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Italýan metbugatyna görä, Inzagi «Al Hilaldan» ýyllyk 25 million ýewro hak alar.**



**Futbolçylyk ýyllarynda «Piaçenza», «Karpi», «Nowara», «Lumezzane», «Breşello», «Sampdoriýa», «Atalanta» ýaly klublarda oýnan Simone Inzaginiň karýerasynyň agramly bölegi «Lasioda» geçdi. Tälimçilik karýerasyna 2016-njy ýylda «Lasioda» başlap, bu ýerde 5 ýyl işledi we Italiýanyň Kubogyny hem-de Super Kubogyny (2) gazandy.**

**2021-nji ýylyň iýulynda «Interiň» tälimçisi bolan Simone Inzagi milanlylara 2023/24 möwsüminde «Serie A»-nyň çempionlygyny gazandyrdy. Italiýanyň Kubogyny 2, Super Kubogyny-da 3 gezek alan Simone Inzagi «Interde» 217 oýunda 141 ýeňiş gazandy. «Inter» onuň tälimçiliginde UÇL-de 2 gezek finala çykyp, ikisinde-de ýeňildi.**



***

**Simone Inzagini Saud Arabystanyna ugradan «Inter» topary täze tälimçisini mälim etdi. Milan şäheriniň wekili ozalky futbolçysy, rumyniýaly Kristian Kiwuny toparyň tälimçiligine belledi. «Inter» topary 44 ýaşyndaky hünärmen bilen 2 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Tälimçilik karýerasyna şu ýyl başlan Kiwu fewralda «Parma» toparynyň tälimçiligine bellenipdi. Topary ligada saklamagy başaran Kiwu futbolçylyk ýyllarynda «Interde» 6 möwsüm oýnady. Ol «Nerazzurrileriň» düzüminde 168 oýunda 3 gezek tapawutlandy. Çep gyraky goragçynyň ornunda oýnan Kiwu «Interden» öň «Roma», «Aýaks» hem-de ýurdunyň «Uniwersitate Kraiowa» we «Raşisa» klublarynyň köýnekçesini geýipdi.**


